*ÇARY ÝEGENMYRADOW*

# *GÜNLER GEÇIP BARÝAR...*

**Goşgular**

Çary Ýegenmyradowyň ömri gysga ekeni. Ol 45 ýaşynda bakyýete göç etdi. Şahyryň soňky nesillere galdyran edebi mirasy uly däl. Ýöne olaryň çeperçilik gymmaty ýokary, türkmen poeziýasy üçin üýtgeşik, ýakymly täzelik.

## GÜNLER GEÇIP BARÝAR

Şu gün saňa telwas etdim ýene men,
Eý, sen, päklik hem gözellik ölçegi.
Azary ýetikdir gaýyn eneňem,
Belli däl, pahyryň haçan öljegi.

Öňden belli zadyň gyzygam bolmaz,
Söýmezdim-le beýle boljagyn bilsem.
Ýöne, hasaplabam söýüp bolanok,
Ýa-da söýgüde-de barmyka tilsim?

Akyl satýan akylsyzlar köpelip,
Ýaşyň on sekize ýeten mahaly.
Söýgi aýp zatdyr obada diýip,
Guratdylar göze ilen nahaly.

Indi-indi şo günleri ýatlasam,
Özümi ýazgarýan ilki bilen men.
Men batyr ekenim beýnisi ýuka —
Durmuşyň al salýan tilkilerinden.

Käte seni sorap, barasym gelýär,
Ýöne, uýat bolar, saňa gep geler.
Arzuwlary ýuwaş-ýuwaş könelip,
Günler geçip barýar, geçýär hepdeler.

Gowy bolsun çagalaryň görjegi,
Ýetişýär gyzlarmyz, ogullarymyz.
Seniň günäň däldir, meniňkem däldir,
Söýgiň ýok ýerinde doglumagymyz.

## GUTARYLMADYK GOŞGULARYM

Ine, bu goşgymda ejem pahyr bar,
Bu goşguda bolsa, galam gaşly gyz.
Elim degen çagy elime alýan,
Şol hem bular bilen salamlaşdygym.

Bu ýerde şapagyň aotyn şöhlesi,

Ýowşan ysly ýaýla düşýär endigan.
Bärde bolsa bir gül — azatlyk küýsän,
Porsy ýerzeminde otyr bendiwan.

Ony erkinlige çykarmalydym,
Ýerzemini sowuk, çygly hem zeýli.
Emma, maňa päsgel berdi hemişe,
Has ajaýyp zatlar döretmek meýli.

Wah, ejeler ýagdaýyňa düşünýär,
Senem düşünjek bol, galam gaşly gyz.
Meni örteýän zat, bu goşgularyň
Bir maýyp görgülä çalymdaşlygy.

Söýgüde ädigem zerur

Bilemok, nämüçin ýatdan çykanok,
ÝA başga ýatlama tükenäýdimi?
On bäş ýyl soň ýene düýşüme girdi,
Polýak ussalarnyň tiken ädigi.

Mollamurtuň «Nesihatyn» ýat tutup,
Ekzamene taýynlanýan wagtymyz.
Satylýar — diýdiler — modaly ädik,
Beýle ädik — ýetginjegiň bagtydyr.

«Nesihat», ekzamen huşumdan uçdy,
«Birini alaýyn nädiibem bolsa.
Şo gyz meni söýer — diýdim içimden, —
— Geýer ýaly gowy ädigim bolsa.

Bir gowy gyz bardy, biçak owadan,
Klasdaşlar bolup, şony söýdük biz.
Dostum şol ädigi alan dessine,
Bagtym menden ýüz öwrendir öýdüpdim.

Gowy ädik nesibämde ýok eken,
Hatda aýagma-da görmedim deňäp.
Başga oba göçüp gitdi ol gyz hem,
Näme sebäp boldy, bilmedim men-ä.

Henizlerem söýýänrin şol gözeli,
Kalbymda dogadyr, möhriban ady.
Durmuşda bu, dostlar, erkiň ýetenok,
Käte ol gysganýar bolgusyz zada.

Ynjalyk berenok, ýatdan çykanok,
Ykbalyňdan bir zat gädilen bolsa.
Göwnüme bolmasa, söýjekdi-le şol
Illeriňki ýaly ädigim bolsa.

**19-njy fewral**

/Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň dogulan güni/

Onuň barlygynda toý edýär bu gün
Her şäher, her oba, her köçe, her jaý.
Biz bada göterip, arzuw edýäris
A, Ol arzuwlary edip ýör berjaý.
Bu gün myhman gelýär çäksiz älemde
Näçe arap bolsa, şonça tarapdan.
Ýewropadan, Afrikadan, şeýle hem
Türkiýeden, Eýrandan hem Arapdan.

Bu gün — ulus-iliň şatlanýan wagty
Ertiriň gaýgysyn edýär Ol şu gün.
Maksady — türkmeniň egsilmez bagty
Baky agzybirlik isleýär göwün.

Garaşsyz ülkede ýeke-t-k Adam,
Ýadasa-da dynçlyk gadagan Oňa —
Eger şeýle meýil döräýende-de,
Bu isleg hemişe goýulýar soňa.

Ol uly işlere töwekgel boldy,
Il-gün üçin ätiýajy bermezden.
Il üçin könelmez aklyk boldy Ol
Il üçin heýkelem boldy mermerden.

Bir tylla ýüzükdi...

Günler geçdi, gitdi nobaty bilen
Kän aýlar aýlandy,
ýyllar dolandy.
Golumdan gaçypdyr tylla ýüzügim,
Bilmedim nirede näme bolanny.

Ýolda-yzda kän gözledim men ony,
Özgäň ýüzüginde gözüň eglendi.
Adam ýitigini ýatdani çykarmaz,
Unutsa-da käte göwne deglenni.

Bildirýär adamyň çig süýt emeni,
Ol hemişe zynat küýsäp gezegen.
Ýöne, bu geň zat däl,
dünýäniň özem,
Dereginde mätäç eken bezege.

Şondan habar berýär,
irkilen baglaň,
ýaz gelse, oýanyp, bezenip durşy.
Ýa-da ýanwar aýy
syrgynlar döräp,
agaçlaň başynda topalaň turşy.

Emma ýiten zadyň çykmaýar ýatdan,
Bilmedim ne boldy,
Düýe sagýan gyzyň aýnirede,dymy
haçan?
Eý, ýagşy adamlar, görmediňizmi,
Bir tylla ýüzükdi golumdan gaçan.

Düýe sagýan gyzyň aýdymy

Başyň dik, göwnüň kiçi,
Höräm, höräm, hörelim.
Süýt sagyp, aýran içip,
Hözirini göreliň!

Dünýe maly diýilen,

Süýdi, ýüňi, eti em.
Uzak-uzak menzile,
Maýa münüp ýetiler.

Aýran içen nähoşam,
Hassalykdan halasdyr.
Ýüňüne näme diýjek,
Ýorgan-düşek, palasdyr.

Iki ýyldan bir gezek,
Ýüzüň düşýär köşege.
Ýüz gezek nesip etsin,
Ýene döläp-döşeme.

Köşejigiň ulalsa,
Atyp şoňa kejebe.
Gelnalyja gideris —
Şeý diýýän men ejeme.

Başy dik, göwni kiçi,
Höräm, höräm, hörelim.
Süýt sagyp, aýran içip,
Hözirini göreliň!

Ýat ýere gyz bermäň!

Wah, ne gözel maşgala,
Keşde çekse sünnälän.
Bigadyra duş bolup,
Görýän güni gün däl-ä.

Belki, Allaň buýrugy,
Arzuwynyň paşmany,
Basýar onuň egninden,
Ýat illeriň asmany.

Bagt diýlen zat berlenok,
Gözýaşa ýa badaga.
Indi gyzyň yhlasy,
Şu ojaga sadaga.

Käbir gyzyň gylygy,
Açmaýar hiç ýüregni.
Ynanýar hossaryna,
Ykbalynyň küregni.

Dillenmegi kyn görer,
Bir utanjaň — ýazygy.
Üme düşmez eşitmez
Gyz kalbynyň sazyny.

Gyzy oda atanyň
Ýandak bitsin meýdine.
Günä galmak bolarmy,
Bu döwürde beýdibem?

Gaýynlary öwse-de,
Hoş ýakanok gulaga.
Ýöne, ile bildirmez,
Günlerinem bulamaz.

Bu öý bilen garyşar,
Çeker ýörer keşigni.
Ýuwar-ardar äriniň,
Dolagyny, eşigni.

Söýgüsizem sebäp bar,
Döremok, dogulmaga.
Ýüzi düşer bäbege,
Gyzlara, oglanlara.

Kem-kem ýatdan çykyşar,
Arzuwlarnyň paşmany.
Häzir welin, egninde,
Ýat illeriň asmany.

INE, DOGAN GELER...

Ine, dogan geler: “Dirimiň?” diýer,
ýananmaýan ýaly ýaşap ýörenme.

Men: «Şükür» diýerin begenerinde
bu gün ýene aman-esen örenime.

Ol papagny bir gapdala taşlar-da,
soňsuz nesihatda başlar ýene-de.
/Biz ikimiz başga-başga adamlar
döresegem bir ata, bir eneden/.

«Şahyrlykdan çörek iýmek kyn düşer,
yhlasyňy siňdir ýeňilräk käre
Men bolsa diýerin: «Ynanaý agam,
özümem alaçsyz, tapamok çäre.

Dünýämizde diýen köp, emma hudaý bir,
ol hemişe gorap ýörmez täk meni.
Girdaba gaçsamam, endişä galyp,
başa çekip ýatma, köne çäkmeni.

Men indi çaga däl, şükür, goja däl
öz başymy özüm çarajak borun.
Bir aýdymçy kimdigini bildirmez
içinde bolanda köp sesli horuň!»

Ol gider, kalbyma howsala salyp,
hem kisäme salyp, bir az-owlak pul.
Men: «Sag bol» diýerin, «Sag bol, jan agam»
Emma arzuw eden günüm däldi bul.

Ilki arzuwlarym başga-başgady,
Çaga arzuwlarynyň baryp ýatany.
Men öz adym bilen bezemekçidim
Bezege mätäç däl eziz Watany.

Baharyň ilki güni

Baharyň uzakda däldigni duýup,
Agylyndan çykjak bolýar dowarlar.
Şu günki çagba-da ölmese buýup,
Ertir-ä olary örä kowarlar.

Öýlänçi ýagyşda,
Ýumşak şemalda,
Bigam argynlykda duýulýar maza.
Garry-gurtularyň käbiri şu gün,
Öýle namazynam goýupdyr kaza.

Öýde diňe üme düşmez bäbekler,
Öý hojalykçylar hemem hassalar.
/Ýüregiň awaýar şo bendelere,
Düşeginden galyp bilmän ýatsalar/.

Dükanyň işigi,
Urpajyk çäge,
Gojalaryň üýşýän ýeri owaldan.
Han-ha, eýýäm birnäçesi gelipdir,
Köwşüni aýaga çekip gowallaň.

Bazaryň nyrhyndan hemem ýaşlardan,
Zeýrene bolýarlar endige görä.
Ýöne gamlanmaga sebäp ýok, şükür,
Durmuş hiç neneň däl, hezillik örän.

Uruş-gykylyk ýok,
Syrkawçylyk ýok,
Garrylyk derdi hem berenok agar.
Uly günä däldir, bular ýaly gün,
Öýle namazyny goýsaňam kaza.

Ot başynda oturaly...

Hany, dostum ölçersene,
körän oduň kesindisin.
Ýol ýaly uzak bu gije
söhbetimiz kesilmesin.

Gözenegin ýapma öýüň,
çekme öýüň serpiginem.
Şu görnüşi arzuw etdim,
Arzuwy bar her kimiňem.

Ot başynda oturaly,
Ot — arzuwdyr, höwür bolar.
Hoşal bolup ýatlarys kän,
Soň şeýle bir döwür bolar.

***

Bagşy bolgun diýip maňa
kän sargapdy kakam bende.
Nätjek, arman ýürek bard-a
hoş owazly ses ýok mende.

Çyn aýdymyň höwesinže
ýaşadym ýaşan ýaşymy.
Şol sebäplem nobat senden
aýdymyň-sazyň aşygy.

Dost-ýar eşitse köwlener,
Göwni gaýry gaýra teser.
Niçik bolar bilbilgöýä
öz wagtynda saýramasa.

Dünýe toýhana meňzeýär
yşky aldy erkimizi.
Gözenegin ýapma öýüň,
çekme öýüň serpigini.

Ojak başyndaky oýlar

Käbir arzuwlarmyň kinesi üçin,
Göwnümde hiç kime saklamok kine.
Joşgunly ýüregme
rahatlyk hemem,
Ertirme ynam
atypdyr şine.

Açgöz hyjuwy hem wagşy islegi,
Ugratdym, gardaşlar, gümüň teýne men,
Hoşal men durmuşdan,
ynjalyk bilen

Nesip etse, halal çörek çekneme.

Ýogsam, öňler il içinde gezemde,
Durmuş meni bijaý ýowuz darady.
Ýüregimde yza galanam bolsa,
Ökünjim ýok, geçen günler barada.

Men ozallar şagalaňy söýerdim,
Boldum indi ynjalygyň sermesi.
Melul edýär ynha, şirin saz ýaly,
Ojakda gaýnaýan gazanyň sesi.

Kän oýlanýan, mal-garamyz barada,
Hojalykçy boldum,
biçak özgerdim.
Öz köýnegim ýaly özüme ýakyn,
Öz aladam, öz şatlygym, öz derdim.

Han-ha, Nowruz batyr çygar çybygy,
At edinip, çapdyryp ýör daşarda.
Bar umydym şonda,
köýen arzuwmy,
Hasyl etmek belki, oňa başardar.

Özüm-ä dogrusy, bu zatlar üçin,
Göwnümde hiç kime saklamok kine.
Joşgunly ýüregme rahatlyk hemem,
Ertirime ynam atypdyr şine.

Suratlara seredip...

Suratlarda adamlaryň keşbi bar,
Olar kän zat ýatladyp dur geplemän.
Pul saklanýan düwünçekde ýygşyryp,
Suratlary aýap saklaň, eplemäň.

Olar maňa janly ýaly bakyp dur,
Käbiri syrdaşym, käsi bigäne...
Her kimem bolanda, tapawudy ýok,
Dilim barmaz ýakymsyz söz diýmäge.

Gamgyn çagym seredýän-de oturýan,

Iremok men näçeler syn etsemem.
Olar ähli zada düşünýän ýaly,
Göwnüň üçin bermese-de ses-selem.

Adam köpi görüp, ulalyp ýaşy,
Otuzdan aňyrrak geçip ugrasa.
Çagalygy kän küýseýär ekeni,
Soňky günler kän bakýan bu surata.

Onuň bilen emedekläp,
ylgaşyp,
At çapyşyp, bolduk mydam hemşeri.
Yhna, täleýinden öýkelän ýaly,
Gyýarak bakyp dur, çala kemşerip.

Görnüp dur boýnunda medala meňzäp,
Sünnäläp işilen alaçajygy.
Ejesi görgüli syzandyr, belki,
Ony soň ykbalyň dalajagyny.

Gorasam diýendir bela-beterden,
Balasyny alaçany dakanda.
Emma, alajyň ýok, erkiňe bakman,
Boljak işler bolaýýar-da jahanda.

O döwürde wezipeli kişiler,
Söýerdi könäni ýepbeklemegi.
Bir gezek, «Tahýaňda doga bar» diýip,
Käýýäp aglatdylar mekdepde meni.

...Ulalaýsak urşa gideli diýşip,
Kän gezdik çagakak göwün ýüwürdip.
Soňra uruş söýgä ornuny berdi,
Ýaňagmyza örüp jahyl düwürtik.

Durmuşyň bardygy bilinmese-de,
Kitaplardan üzňe, mekdepden üzňe.

Dagap gitdik, soňky ekzamen güni,
Arzuwlarmyz hakda ýazdyk-da düzme.

Şükür, uruş-dawa bolmady emma,
Başga-da kän arzuwlarmyz paşmandy.
Bir ýyl soň baharyň jeýhun mahaly,
Bir owadan ýyldyz süýndi asmanda.

Ine, indem janly ýaly bakyp dur,
Hemem kän zat ýatladyp dur geplemän,
Pul saklanýan düwünçekde ýygşyryp,
Bu suraty goýaýyn men eplemän.

Obada

Ýazýan diýsem, arzaçydyr öýdenler,
Düňle görýän adamlaryň käsini.
Emma, gelen çagy, kowman öýden men,
Ýetirýärin gürrüňlerniň häsini.

Men barsamam, ýer berýärler töründen,
Bu obada hemmämiz bir nebere.
Başymy dik tutup, ýaşap ýörün men,
Dogry, sebäbem ýok başym egere.

Göwnüme jaý bu obanyň däpleri,
Men olary turuwbaşdan haladym.
Bärde uly-kiçi bary edepli,
Gaýyş sözler aýdylmaýar mala-da.

Bir gysym çöpleme bermesemem men,
Ýa oduna nepýag damdyrmasam-da.
Ýol bilen barýarkam, duz hödürleýär,
Nan ýapýan zenanlar tamdyr başynda.

Şonda duz dadýaryn, «Sag boluň!» diýip,
Ýogsam, zar dälem men döwüm çörege.
Bilýän, iliň halal duzuny iýip,
Aňsat maňa, ýollarymda ýöreme.

Men öz obam bilen bir tenu-bir jan,
Bu ýerdekäm ýüregimde gam durmuz.
Bagtymyz güllesin,
Güllemesin nan,
Hem hiç haçan sowamasyn tamdyrlar!

SENI ÝATLAÝAN...

Indi hiç zat ýüregimi gozganok,
Ýer ýok onda şatlyga-da, gama-da.
Düýn gowy dostumyň kyrkyny sowdum,
Bu günem bir toýda boldum tamada.

Dünýäniň şowhuny azalan ýaly,
Ýekelik höwesi aňyma ýaýran.
Edil häzir jaýlar uçup gitse-de
Ahmal, men şoňa-da galmaryn haýran.

Her zat boljak eken ýagty dünýäde,
Bolman biljek eken, bolmaly zadam.
Hergiz ýazgydyndan n-razy bolsa,
Ýürekdeş dostuny küýseýär adam.

Menem seni küýsäp, meýdana çykdym,
Çopantelpekleri söýdüm, ysgadym.
Şolara-da ýaman nebsim agyrýar,
Olaryňam galan ömri gysgadyr.

Çünki, ýene güýz gelipdir äleme,
Çygly şemal kän öwüsýär ilerden.
...Sen bile sary gül ýygardym weli,
Uzakda sen gülüň parhyn bilerden.

Her gün işe geçýäň...

Tüweleme, ýene işe barýaňmy,
Görki Güne meňzeş açylan läle.
Seni her göremde endişä galýan,
Sataşaýmaweri mynasyp däle.

Aşygyny ýeke tara kökerjek
Saçyň her örümi bir gulaçdyr-a.
Sen olary oraýsana boýnuňa:
ýaman göze ilmez, ýel bulaşdyrmaz.

Geçip barýaň, öz-özüňden uýalyp,
Salam diýmäge-de ysanok dilim.
Her kimi azdyrjak jemalyň bilen
Maňa bu ýaşdan soň öwretdiň çilim.

Görki gülden zyýat naçar maşgala,
Buýsanjyň artykdyr, dälsiň ulumsy.
Gözüm görýär, ýürek diýýär şu sözi:
Öýňüzde-de ähli işe çulumsyň.

Ýaşap, işläp, armaweri durmuşda,
Görki köňle ýakyn açylan läle.
Seni her göremde endişä galýan
Sataşaýmaweri mynasyp däle!

GELINLER ÝAŞYNSA

Aňam etmändirin soňky döwürde,
Gelinler ýaşmagna ýetirse elin.
Şu gün irden gabat gelip köçede,
Uz ýaşynyp, geçip gitdi bir gelin.

Kişi maşgalasy... Sözüm ýer almaz,
Ýaşynsa ýaşynsyn, gülmese bolar.
Ýetişen bolsalar gelin bolmaga
Etjek işlerinem bilýändir olar.

Çekinendir, belki, meni ýat görüp,
Ahmal, meni garry adam saýmagam.
Hormata, söýgä-de imrinemok kän,
Onsuzam durmuşdan ýetdi paý maňa.

Dogrusy, süňňüm-ä ýeňilem welin,
Çalarak çal sepdi saçdyr gaşyma.

Onda-da deň gopýan oglanlar bilen,
Ýaňy otuz birden geçdi ýaşymam.

Men kän zada zar bolmadym durmuşda,
Şükür, az däl nesibäme ýeteni.
Ýöne öňler söýgi joşýan ýüregim,
Indi gaýgy-aladanyň ketegi.

Esasy aladam çagajyklarym,
Şolar gowy geýsin, gowy iýsinler.
Özüm-ä oňaryn tapanym bilen,
Ilem näme diýse, şony diýsinler.

Garrylygam näme, ýaşlyk mysaly,
Ölmese, her kimiň başynda bardyr.
Belki, menden ýüz öwrendir ýaşlygam,
Öň-ä hiç kim menden ýaşynmaýardy.

Özüm hakda

Men,
    kölege deý ruhy aňymda galan
Atamyň,
      duýgusy, inçe dowamy,
Täleý, şatlygyma salypdyr talaň,
Goýup, nesibäme sergin howany.

Men,
   hyýalyň müdimilik tussagy
Hem köňüller köşgünde täk yşkbaz,
Başym dik,
Janym sag,
Serim gussaly,
Gijeler Aý,
Umydymdyr yşyklan.

Akar — suw,
Öwser — ýel,
Sowular toýlar,
Aýralyga çenli äkider takdyr,

Ýöne, ýagty günler näumyt goýmaz,
Günäsiz gözlerim wysala bakdyr.

Hawa,
men,
duýgusy, inçe dowamy,
Jesedi topraga siňen atamyň.
Ysgap ýörün atyr ysly howany,
Ýatlap geçmişimiň çüýräp ýatanyn.

## Obam

Şatlygyňdan rysgalymy aýyrdym.
Diňe ýetmeziňe janym ýakaryn.
Başga ýerde, iş düşende başyma
Seni küýsäp, ýollaryňa bakaryn.

Wah, ýollaryň sadagasy bolaýyn,
Meňzeş juda mesnewiniň bendine.
Bagtlydyr seň adamlaň hemmesi,
Maňlaýy pes, boldummykam men diňe.

Adamlaryň kalby tämiz, başy dik,
Göýä, boý derege deňleşen ýaly.
Senem, obam, geçmişiňe meňzäňok,
Meň atam pahyra meňzeýşim ýaly.

## Pal

Täleýimi garadym bazar jaýynda,
Sygan aýalynyň kartlarynda.
Çapyljak at ýaly gozgalaň tapdym,
Ikçi howsalamyň artmagynda.

Ol baky ýitigme kän garaşdyrman,
Umydymyň öresini çykardy.
Maňa nazar salan ýaş şazadanyň,
Gözleri göm gökdi, ýüzi çypardy.

Her niçigem bolsa, bagtyň nyşany

Başymy sämetdi, gozgady kalby.
Ýogsam, palçy aýal, näme üçindir,
Goýun gözli gyzy bermedi salgy.

Ömür pile ýaly sarpa ýyllary,
Şatlygy gowşurdy paýyma ýeten.
Ýöne, ykbal ýanaşmady şo gyza,
Täleýiň oýnuna çäre ýok eken.

Ýene ýolum düşdi bazar jaýyna,
Palçy aýalyň daşy giden mähelle.
Ýöne, bagty agtarmaga bu gezek,
Mende höwes tapylmady sähelde.

***

Ümsüm gije aýnamyzdan delminen
Aý asmanda erän mesge ýalydyr.
Görsem diýip barmajagm-a belli meň,
Ýogsam, ol köňlümiň besleýänidi.

Tisginýärsiň, o dünýäden gelýän dek,
Pejiň turbasyna düşen sesinden.
Ak guş deý ruhy çykman kelläňden
Ýaşlygyňda baky galan nesilleň.

Gussaň ýyllar boýy ýuwulmaz hatam,
Ejir çekme, hesret bagryň deşende.
Men galdym, ýelli gün sygyryp ýatan
Güllesi göwsümde galan peşeňde.

Razy bol /men harajat dilämok/,
Gije ahwal bolup dolanmagymdan,
Ýaşa, kyn günüňde isläp delalat,
Derdiň soran goňşy-golamlaryňdan.

Gamlanma, hesretde gül ýüzüň solup,
Ak dumanly güýz gelende haçanda.
Baglarda ýapraklar höwesiň bolup,
Pudakdan serçe dek gaýyp gaçanda.

Mendirin şol, nowruz gary gelende,
Bulutlar goýalyp, mürepbe ýaly.
Öýüň öresi ýok diýip elenme
Mahmal hüwdüleriň ýürekde häli.

***

Öten agma ýene düýşüme girdi,
Daglaryň bürgüdi, sähranyň gurdy.
Aýpalta çalymdaş
emma owadan
aýam aýnamyzdan delmurup durdy.

Gurdy gördüm, sähralary küýsedim,
Bardyr ol ýerleriň keýik, maraly.
Hergiz jany şypa tapyp gaýdandyr,
Derman küýpäp baran süňňi ýaraly.

Bürgüdi görübem dagy küýsedim,
«At salyp, gezmäge daglary ýagşy».
Alla nesip edip, ajal maý berse,
ýatlap owsunmaly çaglary ýagşy.

Men şatdym,
şatdym men,
kalbym ýagtydy.
Garyp çatmaň içem durşuna nurdy.
Aýpalta çalymdaş, emma owadan
Aýam aýnamyzdan delmuryp durdy.

***

Öten agşam ýene düýşüme girdi,
Daglaryň bürgüdi, sähranyň gurdy.
Aýnalta çalymdaş
emma owadan
aýam aýnamyzžan delmurup durdy.

Gurdy gördüm, sähralay küýsedim.
Bardyr ol ýerleriň keýik, maraly.
Hergiz jany şypa tapyp gaýdandyr,
Derman küýsäp baran süňňi ýaraly.

Bürgüdi görübem dagy küýsedim,
«At salyp, gezmäge daglary ýagşy».
Alla nesip edip, ajal maý berse,
ýatlap owsunmaly çaglary ýagşy.

Men şatdym,
şatdym men,
kalbym ýagtydy.
Garyp çatmaň içem durşuna nurdy.
Aýpalta çalymdaş, emma owadan
Aýam aýnamyzdan delmuryp durdy.

***

Ile ýamanlyk etmerin,
Erbet däldir meniň zandym.
Ir ulaldym, bir ýetmezim,
Hem uly söýgä ir ýandym,

Indi onam öçürerin,
Hakydamyň lentasyndan
Goý, indi başga oglanlar
Yşka düşüp entesinler.

Ömrümden nadyl bolmaryn
Hem hiç köňli ýykmanyma.
Bagdan sary gül ýolmaryn,
Meňzeş görüp ykbalyma.

Şeýdibem men nesip etse,
Durmuşymyň batgasyndan,
Gam-hesretiň besse-besse,
Köňle üýşüp ýatmasyndan.

Geçip giderin, sag-aman,

Başga mekan tutunmaryn.
Özüm özümi tanaman,
Soň ýatlamda utanmaryn.

Ile ýamanlyk etmerin,
Erbet däldir meniň zandym,
Ir ulaldym, bir ýetmezim
Hem uly söýgä ir ýandym.

Mynajat

*Eger,*
*bir ýaman söz sypsa dilimden,*
*Alla jan, sen mendan etme aýyp-syn.*
*Çünki, bu dünýäde gören-eşdenmi*
*paýyş söz agzaman beýan etmek kyn.*

*Sen — Hudaý isleseň, islemeseňem,*
*Menem, özüň bilýäň, ýazykly bende.*
*Emma mundan beýläk sejde kylmaga*
*jinnek ýalam takat galmandy mende.*

*Sebäbi bäş ýyl öň, gyşyň bir güni,*
*Hak söz üçin tyg urdular bedenme.*
*Sen Hudaý halyňa utanmadyňmy*
*Meni şol günlere duçar edenňe?*

*Kisäm kör-köpüksiz,*
*ýat dilde gepläp,*
*kömek sorap ýada boldum hemşeri.*
*Bir gögele oglan on sekiz ýaşly*
*Huzuryňda durmanmydym kemşerip?*

*Başym ýaşdy, ýagşy pälimden başga,*
*Ýokdy meniň ýaşamaga serişdäm.*
*Niredediň şonda, Gudraty güýçli,*
*Nirededi on müň sany perişdäň?*

*Men soňra kem-kemden içgä imrindim,*
*Höwes etdim zährimanly bokala.*

*/Elbetde, şol günleň ajysy hakda*
*Ýazyp bordy kitap ýa-da makala/.*

*Emma men ýazmadym,*
*elim degmedi,*
*Ile diýmäge-de barmady dilim.*
*Ýeri,*
*diýdimem-dä,*
*peýdasy näme?*
*iç kimem kireýsiz kakmaýar kilim.*

*Dogry içen wagtym teselli tapýan,*
*Ýöne uzak çydap bilmen beýdibem.*
*Aý, näm bolsam, şol bolaýyn, owarram,*
*It çeýnesin, garga çoksun meýdimem.*

*Barybir, ynamsyz ömür sürenden*
*Ile meňzeş bolup ölenim ýegdir.*
*...Her niçigem bolsa, unutmaryn men,*
*Nämüçin sen meniň göwnüme degdiň!?*

## Soňky söz

Bu höwes erkime goýmady meni,
Indi men şoňa-da ýetmäge taýyn.
Bagta tarap barýan iň soňky ýoly
Tapdym 17-nji gününde maýyň.

Bu gün bir üýtgeşik gün boldy,
gökde
bulutlar meňzeýär bölegne kamsyň.
Ol meniň iň soňky ykbalym
ýöne
men mawy asmana bakýaryn gamsyz.

Ýaşaň siz, adamlar,
erkana boluň,
Mensiz bir adamlyk giňän dünýäde.
Onsoňam hiç haçan «bagtly bolmaga
mümkinçilik ýokdur — diýmäň — dünýäde».

Men gaty begenýän, kakam pahyryň
horlansa-da, menden soňa galanna,
Aşymy-suwumy berer ol hökman,
Bermese-de il içinde halanmaz.

Hoşlaşyk sözleri gysga aýdylar,
Bu däbe hemişe kaýyldyr her kim.
Size gowy günler arzuw edýärin,
Çünki, başga zada ýetmeýär erkim.

ALAMAT

Gözüme bir ýagşy alamat ildi,
Şondandyr, köňlüme heser ýeteni.
Maňa kän zat wada berýän şekilli,
Galgap gitdi, al şapagyň etegi.

Belki, ýene alçy gopar aşygym,
Egsilen göwnümem doldurar hyjuw.
Egmerin hiç, egilmejek başymy,
Könelmejek tenha arzuwymdyr bu.

Bilýän ýogsa, ykbal sähel salymda,
Ilki saňa, soňam özgä näz eder.
Şol sebäpli durmuş oýna meňzeýär,
Emma ony oýnap bolmaz täzeden.

Bu oýna meňzeşden gözüm dokunmaz,
Äleme aşyk men, baş egýän güle.
Ahmal, ejir çekmen töhmet okundan,
Bagtym irde-giçde çökmese küle.

Gör, näçe ýyl horluk bary çekildi.
Töhmetlerem berdi bizar-teteňi.
...Maňa kän zat wada berýän şekilli,
Galgap gitdi, al şapagyň etegi.

**Otuz ýaşdan soň**

Göwnüme bolmasa, zerur däl indi,
Arzuwa beslenip, kaşaň geýinme.
Wagtyhoş bolsamam, meýlis kölünde,
Alada bar, şatlygymyň teýinde.

Hoşlaşygyň wagty golaýlap geldi,
Sag bol, ýaşlyk — ömrümiziň şatlygy.
Men garrap baramok,
şonda-da belli,
Goja bolmagyňam niçik zatlygy.

Kaýyl indi, şu ömürde tapanma,
A, öň mydam gözlegdedim jahanda.
Ynjalyk tapýardym apy-tupanda,
Gök gürleýip, ýyldyrymlar çakanda.

— Harbylarça dik tutýaryn kaddymy,
Kän bir üýtgän zadam ýok-la keşbimde.
Gojalygam däldir bagtyň ýatdygy
Şeý diýdim men otuz ýaşdan geçdim-de.

Bu boluş kanundyr dünýäler döräp,
Göwün guşy telim gezek göç eder.
Şükür, häzir-ä men barýaryn ýöräp,
Ýaşlyk atly iň ajaýyp köçeden.

**Dostuma**

Däli deňziň garşysyna gaýykly,
Ýör, gideli,
tijen dostum,
ýürekle.
Ýaýdanmaly, şowsuzlyk nä aýypmy?
Beýik işe hyjuw barka ýürekde.

Çagalykda at edindik hyşany,
Ýigit çykyp, dosta serbe-ser gezdik.
Dostdan galan ýadygärlik nyşany,
Bir husydyň baýlygyna bermezdik.

Seret, ümür basan kenara seret,
Soň ýatlap ýörmäge göwnüň küýsände.
Äkit, bir ýepdelik azyga derek
Mähribanyň suratyny kisäňde.

Çola kenar — dolanmajak geçmişdir,
Tupana döş gerip, äkider ýelken.
Ykbal bagty, gör, nirede seçmişdir,
Bir ajap, ýagty gün duşarys, belkem!

**Meýdan çagyrdy**

Awa diýip çykdym, şu gün ir bilen,
Egnimde tüpeň bar, ýanym tazyly.
Seleň gyryň her ýerinde adama,
Meňzäp otyr, çomuçlaryň pazyly.

Islegim towşan ýa guş atmak däl-de,
Duýgularmyň örtügini sypyrma.
Ana, şol çomuçlar adama meňzeş,
Egni ýuka,
başynda-da şypyrma.

Tüpeňi egnimden düşüremok men,
Aw bolarmy munuň ýaly ümürde.
Gury ýowşanlary basyp geçemde,
Eşidýärin bir düşnüksiz hümürdi.

Maňa hökman däldi, gyşyň içinde,
Bu ýerleriň aňzagynda üşeme.
Emma, hoşal bolup ýatlaryn hökman,
Agşam girenimde, ýyly düşege.

Bu meýdanlar goýmaz soňam erkime,
Meni gizlin seda bilen çagyrar.
Şonda bir biçärä meňzeýär diýip,
Guran çomuçlara nebsim agyrar.

**Çagalary zor gördüm**

Enesi-atasy käýese-de kän,
Çaga-çaga bolar,
diýen etmezek.
Köçe durmuşynyň däbine görä,
Dowalaşsa, çykýar olar ýekme-ýek.

Çagalaryň şol ajaýyp Kanuny,
Garşy bolýar ýykylany depmege.
Birem şugulçylyk — ýigrenilýän zat,
Şeýle diýip öwredýändir mekdebem.

Çagalar öz kanunyna tabyndyr,
Dawalylar uruşdan soň ýaraşýar,
Görýän welin, ulular-a beýle däl,
Käbirleri entäniňe garaşýar.

**Karar**

Indi besdir,
gamgyn bolmak hebesdir,
bolmadyk işler hiç, boljak iş boldy.
Herniçigem bolsa, ysgajak gülüm
wagtynda açyldy, wagtynda soldy.

Şol sebäplem kalby lälezar eýläp,
Şat aýdym aýdaryn indiden beýläk.

Biminnet nur saçýan Güni hem Aýy,
bu ýagty dünýäni görýän diýibem.
Toýa gitjek ýaly
her gün ir bilen
öýümden keýpi kök örýän diýibem.

Päkize kalbymy lälezar eýläp,
şat aýdym aýdaryn indiden beýläk.

Bilip bolmaz, käte ownuk alada
gam bolup, üstüme salsa kölege.
Şepagat taparyn aýdymdan-sazdan
men öňdenem aýdym-saza ölemen.

Şol sebäpli kalby lälezar eýläp,
Şat aýdym aýdaýyn indiden beýläk.

**Men indi ýazaýyn...**

«Men ýazaýyn, ýazanlarym az bolar»...
/Şähribossan/

Men indi ýazaýyn,
ýazmasam bolmaz.
Heniz kän ekeni diýmedik sözüm.
Bäş günlük dünýedir, galmaýyn gijä
ýürek egbarlapdyr, galmandyr dözüm.

Allaň emri bilen şu gije
könle
ylham iýndi, şükür elhemdilylla.
Hoş sözlerden saýlap, çemen bogaýyn
ýyly söz hassa-da melhemdir ylla.

Biri gamda galsa, erkin ýitirip,
Şygyrlarym çeksin onuň elinden.
Hüwdä meňzeş aýdym edip aýtsyn,
bäbeklerni üwrän wagty gelinler.

Men indi ýazaýyn,
ýazmasam bolmaz,
şygrym hoşwagt etjek bolsa bir kesi.
Şygrym nepis bolsun,
Saz ýaly näzik,
ýülmemesin aý-ýyllaryň tirkeşi.

Men indi ýazaýyn,
ýazmasam bolmaz,
başga aladany çekeýin gyra.
Bilinmez sogabyň nirden geljegi
Selälige çenli öçmesin çyram.

Çyram ýansyn dursun, ýüregim ýaly

heniz ýahlas barka,
jan barka tende.
Garaňky gijede yşyk bardygyn
görer,  iň bolmanda, ötegçi bende.

**«Meniň kalbymda bahar»**
/S.Ýesenin/

Sowetler ýurdunyň baýdagy ýaly,
şapak
      günbatarda saraldy-soldy.
Nädip düşündirjek beýle ahwaly
şatlyk gursagyma sygmajak boldy.

Mawy duman içre sazak tokaýy
edil tütün ýaly burugsadylar.
Baharda kök urup, öseňsin diýip,
olara Allanyň rusgady bar.

Ine, bahar geler,
                  hemmä deňlikdir
ulumsy däldir ol, däldir tekepbir.
Bahar bir işeňňir gelin mysaly
her kime mynasyp köýnek tikip biýr.

Ol, eli açykdyr, zady gysganmaz,
Ýylgynlaryň paýy keteni bolar.
Belli däl, şo-ol töňňä näme ýetjegi,
Aý, oňa-da näme ýeteni bolar.

Dünýä nur çaýylar,
                   oýanar söýgi,
janly-jandar yşka düşer esirär.
Şol sebäplem meniň kalbymda
                              Bahar
hem ýalňyz durnanyň zaryn sesi bar.

**Halkym**

Gaýduwsyz,

batyr hem biçak edepli,
Emma, käbir zatda geleňsiz halkym.
Ýurt baryny çapyp
asyrlar boýy
Ýurt eýesi bolman gelensiň halkym.
Egilmediň,
egri gylja daýandyň,
Egrilikden nyşan ýokdur zandynda
Ýöne, kän horluga duçar bolduň sen,
öz köre-kör gazabyňda ýandyňda.
Güne ýatanam han,
serkerdäňem han,
Öňde-soňda bir agyza bakmadyň.
/Maňlaýsyz mert hakda söhbet açylsa,
Halkym,
ilkinji söz özüň hakdadyr!/

Söweş güni Göroglydaň,
Keýmirdiň,
başga mahal
daýhan ýada çopandyň,
Ynanjaň,
yňdyrma,
şeýlekin sada,
Şol sebäpli bir-biregem çapansyň.
Sen öňem azlykdyň,
hasam azaldyň,
bölünip kän taýpa, kän tirelere.
Soňsuz söweşlerden ürken Ykbalyň,
uýan süýräp gitdi gör, nirelere!
Halkym6
eý, türkana, yňdyrma halkym!
nämeleri ýitirenňi duýsaňdyň.
Mümkin bolan zatlaň baryn ýitirdiň,
galdy diňe
namys-aryň,
buýsanjyň.

**Göçülen ýurt**

Ýok eken obada janly-jemende,
Kibtin gysyp otyr pessejik tamlar.
Aslynda-da çakylyga emenme,
Göwnümde ýok diýsem, bolaryn mamla.

Gelmedim bu ýere çakylyk bilen,
Düşnüksiz bir duýgy ýeňimden çekdi.
Ýüregime kerep ýaly örtülen,
Ol duýgy işilen ýüpdenem bekdi.

Ýeldirgäp ýörmükäm iýdim men ilki,
Bu gün duýgy şemal ýaly ösende.
Adamlar, Sizde-de bolandyr, belki,
Nämäň-nämedigni bilmän kösenme.

Ol maňa hiç ýerde bermedi karar,
Öýde, işde ýa-da toý meýlisinde.
Ýetim oglan ýaly durdy ol garap,
Wagtyhoş märekäň hol beýlesinde.

Şeýdip, kän ýyldan soň,
ýazyň bir güni,
Geň duýgy şu ýana ýeňimden çekdi.
...Kakam pahyr bilen ejem görgüliň,
Arzyly didary öňümden çykdy.

**Ýaşlyk bilen hoşlaşyk**

Men heniz garramok,
ýaňy-ýakynda
ýaşlyk bossanymdan ätledim daşa.
Indi şol ýyllaryň ýatlamasy hem
maňa melhem bolar, iş düşse başa.

Ýaşlykdan ýadygär bir owaz galdy,
gamgyn we joşgunly ol aýdym-mukam.
Ýa-da ýaşlyk bilen hoşlaşan çagym
az-kem ejizlejek bolaýdymmykam?

Her döwrüň öz derdi bolşy ýaly,

öz aýdymy bolýandyr her döwrüňdem.
Täze aýdymlary eşidip häzir
oýa batýan, diň salýanda böwrüme.

Belkem, şol gowudyr,
döwür çalyşsa
hemmä ýeter juwan bolmak gezegi,
Görüň, bu gün başga-başga oglanlar
boldy, allanäme toýuň bezegi.

Nobat siziňkidir,
oýnaň ýigitler
tans edýänleň halkasyna giriňde.
Şatlanyň,
şatlykdan bir ýaşaň şu gün,
men olsa, onsuzam otuz birimde.

**Toýa gitdim**

«Çakyr kelle togalanar toý bolsa»,
Diýip menem bardym iliň çetinden.
Nazar iýdim,
toý töwürin galdyrdym.
Berhiz saklap, datmasamam etinden.

Toý gowy zat,
hemmäniňem arzuwy,
Tuwmaýak bolmasa, gyzsyz-ogulsyz.
Ýyldyzlary duşup, ýaş çatynjalaň,
Ak posalak bäbejikler dogulsyn.

Hany, toýuň bagşysynam diňläli,
Aýdyp bilýärmikä «Amman-ammany».
Ýogsam kä aýdymdan ýüzüň utanýar,
Geýip çykan ýaly ýyrtyk tammany.

Hindiçe tans edýär başaçyk bir gyz,
Nämemikäm diýýär saçy kesilen.
Ýüregiňi gopdurýan saz ýokmy başga,
«Sen-sen» bilen «Uçradym» bar, meselem.

Bilýän däldir heniz
                ulaljayny,
Ýaşkaň sähelçejik goýberseň hata.
Deň-duşum däl,
            meniň sözüm diňlenmez,
Besdir, gulak goýsa enedir-ata.

Indi gaýdaýsamam bolman durjak däl,
Öýde-de iş kändir, kändir alada.
Set ýurduň sazlaram ýakymly ýaly,
Uzaklardan eşidýärkäň çalaja.

allajan hemmäni toýa ýetirsin,
Däl özümem, şükür, ogulsyz-gyzsyz.
Öýlenjek öýlensin wagty ýetende,
Ýetişen gyzyňam başy bogulsyn!

**Gedem gyza**

Jogap bermän, ýeke agyz geplemän,
Sen nämüçin, ýigidi kän kösediň.
Zaryňy çekipdir telim hepdeläp,
Halyna dözmedim, synlap keseden.

Siziň ýanyňyzdan geçipdir ýoly,
Işe, toýa, garaz, nirä gitse-de
Hamana ol göze ilmeýän ýaly,
Yşk derdini ýeňletmänsiň pisseçe.

Bileňok, gedemlik — akmagyň däbi,
Sen onuň ýüzüne äňetmänsiňem.
Wah, onuňam arsyzlygnyň sebäbi,
Söýgi-kän alkyşlar, näletler siňen.

Gumry bol sen, ýa-da meňzeş jerene,
Kim bolsaňam päk söýgüden ürkme sen.
Iň bolmanda duýdur söýmeýäniňi,
Aşyk duýmaz, duýar ýaly dürtmeseň.

Sen oňa gürrüň ber söýgüliň hakda,
Ol hakda geplemek kyn düşmez saňa.
Kaýyl ol bar zada, kaýyl ol hatda,
Göwnaçyk ýylgyryp pyçaklasaňam.

Ýüzüňde gaýgy bar, gözüňde ünji,
Belli däl, mähriňi kime berjeksiň?
Söýüp bilmedikleň kän bor ökünji.
Beýle kişileri hernä ýer çeksin!

Ýok, myrtar keseli,
               başynda keli,
Günä bolar hoş sözüňi gaýgyrsaň.
Senden akyllydyr, bilemok welin,
Her gije bir äri söýýän aýgyr hem.

**Söýüp söýülmeseňem...**

Kysmatyňy düzetmersiň el bilen,
Şol sebäpli, gynanmagyn birjigem.
Şor gözýaşdan gül göwünler kirjiger,
Görjegi gowudyr sen deý selbileň,
Kysmat bolsa, düzetdirmez el bilen.

Täze gül gözläniň bolmaz ýazygy,
Goý gitsin, saglykda ýetsin maksada.
Özge diňlär, göwün söýen sazyňy,
Şo zatlaram näler içiň ýaksa-da,
Gül gözläp gideniň bolmaz ýazgydy.

Ýürek duýmaz sögünseňem6 ursaňam,
Ýitigini gözlär, gider soraga.
Başga hiç zat girip bilmez gursaga.
Seniň borjuň — mertebäňi gorama,
Ýürek duýmaz sögünseňem, ursaňam.

Boýdaşlaryň öz bagtyny mazamlar,
Gol tutuşyp, agşam çykanda seýle.
Agy bar ýerinde şirin sazam bar,

Nätjek-dä, dünýäniň gurluşy şeýle,
Her kim mydam öz bagtyny mazamlar.

Didäňde ýaş görse, bagtyň ýadyrgar,
Şonuň üçin süpür, gözde ýaşyňy.
Durmuş geçmez, şatlygyny dadyrman,
Dünýäde kän her gülüňem aşygy,
Şonuň üçin, süpür gözden ýaşyňy.

DOSTLUKDAN BÄHBIT GÖZLEMÄŇ!

Dostlar bähbit gözläp, gitdi tirkeşip,
Sag gitsin-de, aman bolsun, goý, olar.
Barybir, günlerim garaňkyramaz,
Gijelerim altyn şöhlä boýalar.

Hergiz gynanamok, meniň adymdan,
Öz peýdasy üçin geplänlerine.
Men gaýta: «Hormatdan nyşandyr» diýýän,
Naharyma zäher sepmänlerine.

Bähbit bolsun, dostlar gitdi terk edip,
Sähel zat üstünde bolduk agzala.
Her kim her zatlara deňeselerem,
Durmuş diýlen meňzeş eken wokzala.

Aýlygynam telim sanap alardy,
Olar biçak zordy hasap-hesibe.
Gel, gowusy goýaýyn bu gürrüňi,
Adam gider, çeken bolsa nesibe.

Ýok, olar ýalňyşjak adamlar däldi,
Hökman ýedi ölçäp, bir kesendirler.
Belki, çyn bahamy aňlamak üçin,
Şunça ýyl bialaç tirkeşendirler.

Dostlar gitdi, bulaşypdyr hasaby,
Emma, dünýäm altyn şöhlä boýalar.

Tabagyma zäher sepmäni üçin,
Sag gitsin-de, aman bolsun, goý, olar!

**Parla, Tugum!**

Tugum, maňa biçak zerur ekeniň,
Zerurlygy ýaly köýnek-balagyň.
Men indi äleme uýatsyz bakyp
Gamgyn oýlarymyň berdim talagyn.

Göge galan günüň göz dokundyryp,
Görgi baryn beren eýýam soňlandy.
Biz Garaşsyz diýip, jar etdi Serdar,
Jarnamasy älem içre oňlandy.

Parla Tugum,
görjek görsün, guwansyn,
Görüp bilmedikleň garagy aksyn.
Öňdenem bilýärin, görip kişiler,
Hergiz, il derdine ýaramazakdyr.

Olar ýagşy görýär mahmal-begresi,
Köýnek tiker ýa penjirä tutulyk.
Besdir, ownuk gürrüň gelişmez maňa,
Şatlanýarkam gamgynlykdan gutulyp.

Çünki, men äleme uýatsyz bakyp,
Gamgyn oýlarymyň berdim talagyn.
Tugum, maňa biçak zerur ekeniň,
Zerurlygy ýaly köýnek-balagyň.

**Küýki oglan**

Küýkem bolsa, mydam ýalňyz başyny,
Mümkin boldugyça dik tutup gezdi.
Çagaka kän gülüpdiler üstünden,
Içýakgyç gülküden ini bez-bezdi.

Soň kän gyzlar ondan ýüzüni sowdy,
Ýeňlesleri nakys gülüp, gaş kykdy.

Oglanyň maksady söýgüsi bilen
Görülmedik menzillere aşmakdy.

Düşnüksiz üm bilen,
Yşarat bilen,
Ýadyna saldylar küýküligini.
Şol sebäpli oglan ýuwdandyr telim,
Şir gözýaşa garyp tüýküligini.

Synasynyň az-kem ýetmezi üçin,
Gaharjaň hem dymma bolýar küýküler.
Eger kimdir biri gyýa seretse,
Paýyş söger ýa ýüzüne tüýkürer.

Gyzlar,
şol oglanyň kalbyna garaň,
Şonda söýmek üçin bolmaz päsgel-de.
Arman çekýär söýgüsine şäriksiz,
Agyr düşýär duýgularna bäs gelme.

Emma, kalby ýagty, niýeti düzüw,
Duýgulary çeşme ýaly kireňsiz.
Bagty çüwer ony söýen gözeliň,
Çüwmez diýip, pikir etmäň birem siz.

**Bir çopan hakda**

Obamyzyň geçisini bakardy,
Özem geçi ýaly ýaman hötjetdi.
Salamdan öňinçä içiň ýakardy,
Şeýde-şeýde müjerretem ötjekdi.

Kändir diýip, hossarsyzyň webaly,
Illäp-günläp, iýerdiler, elgaraz.
Gelin pahyr ýerden ümsüm, edaly,
Çopan welin, işläp duran ýolharaz.

Onuň bar höwesi akyl bermekde,
Ýogsam özi biýedep hem bahyldy.
Gaşanar-da, elin sokup çermekden,

Söze başlar syýasata dahylly.

«Isgender şa ilkibaşda çolukmyş,
Jojuk bakar eken Çemberlen bolsa.
Öwreniň» diýerdi derde ýolukmyş,
«Şu sözler kitapda kem berlen bolsa».

Şeý diýer-de, gyşaryp bir naslar ol,
Ýöne heniz gep-gürrüňi kemelmez.
Has-da möhüm, wajyp gepe başlar ol,
Kime, nädip berilýärmiş emeller.

Dünýäň gurluşyndan ýalňyşlyk tapyp,
Öz gadrynyň kemliginden nalardy.
«Öz ilinde pygamberem tanalmaz»,
Diýen ýaly nakyllary halardy.

Eýran bilen Yrak uruşýan çagy,
«Wah, meniň töwellam gerek» diýerdi.
Ýiten geçilerňi sorasaň dagy,
Agzyna bir sagat seretdirerdi.

Soň aýdar: «Bar gaýgym geçi däl» diýip,
Ýeke gepläp, gep haltasyn egisse.
Hak alanda welin, bolşun görskdiň,
Görlen däldir onuň ýaly nebisjeň.

Şo gylygy üýtgemändir soň-soňam,
Obadan göçensoň, beläpdir has-da.
Gurgun gezip ýör diýýärler,
Iliň geçisini bakýarmyş Wasda.

## Bahar

Bahar, bahar ýüregimiň aramy,
Ýadadym men, uçursyz kän garaşyp.
Sen geldiň-de kalba kanagt berdiň,
Ýalaňaç baglaram tapdy ýaraşyk.

Ykbalymyz meňzeş ýazylan ýaly,

Meň  bijäme  düşüpsiň    sen kartda.
Meniňem göbegim kesilen eken
Çärýek asyr ozal 10-njy martda.

Men ýagty jahanda ýolagçy kibi,
Döken külüm, ýetmez munda gadaga.
Gül bolup, sen bile solmaga kaýyl,
Sallah başym bolsun saňa sadaga.

Bahar diýen gyza meňzeş baharym,
Bilýädim men senden göwnüm bitjegin.
Sen meniň ummy, mähriban Bahar,
Ýa ölsem yzymda goýup gitjegim?!

***

Toşap ýaly goýalypdyr al şapak
Elwan reňke boýap gussaň tuguny.
Bu gün ýene düşdüň meniň ýadyma,
Natuwanym,
          sowuk ülkäň suguny.

Şeýle boldy.
            Aýraladyk ýolumyz,
Gözýaş dökmän, bir-birege söz bermän.
Indi bilýän, dolanmarsyň asyl-ha,
Ikatýoga meňzemeseň özgermän.

Men seni ugradyp, bir zady bildim,
Ömrüň, söýgi bilen dirilikdigin.
Ykbal maňa ýalňyzlygy buýrupdyr,
A men hesret bilen birigipdirin.

Az salymdan göge galar doly Aý,
Şa gyzy deý, jygasy zer börükli.
Kimdir biri aňtap, ýalňyz çagymy,
Köňül köşgün çarşaklapdyr, dörüpdir.

Salamat bol, egsilmesin mertebäň,
Ýoluň uzak, typançakdyr, doňakdyr.

Ahmal, söýgi şowsuz bolsa has beter,
Ezýetlidir, ýatlamaga oňatdyr.

Şoň üçindir düşdüň ýene ýadyma,
Natuwanym,
sowuk ülkäň suguny.
Toşap ýaly goýalanda al şapak,
Elwan reňke, boýap gussaň tuguny.

## EJEME

Bu gün göwnüm gozgap, söz açdym ýene
Mähribanym, ejem pahyr barada.
200 metrlik gumak ýol bilen
Ýyllaryň oýnamy ýatyr arada.

Şonda-da bir täsin, adam diýeniň,
Ony sähelçe zat salýar heýjana.
Men seni küýseýän ýagyş ýaganda,
Gar ak bägül bolup düşse meýdana.

Durmuşymda kän zat üýtgänok meniň,
Geçdi bir gurultaý, iki plenum.
Adam bar zadyna şükür etmeli,
Heniz-ä bol bizde gant bilen un.

Teke nowruzynda ýagaryn ýaýla,
Öýlänçi bolubam aglap, diňerin.
Dogryňy aýtsaň urýarlar, eje,
Urulmakdan besse-besse jigerim.

Şonuň üçin bu gün, söz açdym ýene,
Mähribanym, ejem pahyr barada.
... 200 metrlik gumak ýol bilen
Ýyllaryň oýnamy ýatyr arada.

## KAKAMA

Indi giç, ykbala garşy giderin.

Goý, ol meni şalgam kimin aparsyn.
Barybir, dünýede galmarsyň ýalňyz,
Ölmeseň şatlygňa şärik tarapsyň.

Asla ýaşaýyşyň ugrun bilmedim,
Bagtly bolmaga-da barmyka tilsim.
Kän ýalňyşdym çärbek asyr ömürde
Goý indi, hesretim bagrymy dilsin.

Gaýgy edip ýörme, çekme endişe,
Okama meň üçin «Kulhuallanam».
Ejirli ýüregim aýdymdan doly,
Belki, bardyr ony sulhy alýanam.

Ýalançy diýdiren ýagty dünýede
Özüme däl, saňa agyrýar nebsim.
/Baýdaga çalymdaş, owadan şapak,
Ýene 70 ýyllap alnyňa degsin/.

Derman içip, berzih saklap gezsem-de,
Meniň aýdymlarma ýetmändir zeper.
Göwün berip, gulak goýsaň olara,
Kalbyňa şalygyň nuryny seper.

BAÝHATYN

Uçup git, ezizim, armanyň näme?
Ganatlaryň ykbalyňy göterse.
Ýogsam, senem biziň ýaly horlanyp,
Bu jahanda ahmyr bilen ötersiň.

Uçup git, ezizim, mawy asmana,
Ýerde mydam ýer tapylýar jesede.
Sowuk täleýiňe bagryňy berip,
Oturşyňa men gyýylýan keseden.

Höwes edýän, ýerden örküni üzüp,
Bigünä guşlaryň göge galşyna.
ÝA ganatly, ýowuz ykbalyň bilen,
Ömrümizi goýaly biz çalşyga.

## ÇALYŞMAN

Keç ykbaly aýdym bilen bezedim,
Güller bilen arzuwlarmyň mazaryn.
Ulus-ile ýuwaş sesde aýtdym,
Nesibede ýok zatlaryň azaryn.

Söýdüm öz jepakeş, ýuwaş halkymy,
Halkyň söýgüsinem küýsedim örän.
/Bu gowgaly hem mähriban dünýede,
Biziň hemmämizem söýgüden dörän/.

Söýdüm diňe ezýetine gyýylyp,
Boldum, mydam jepasynyň şärigi.
Şeýle yhlas bilen akylly heleý
Söýýändir öz infarktly ärini.

Düşünmedi garny ýogyn nadanlar
Uly söýgä ykbalymy gatanma.
Barybir, men öz-özüme aýtdym,
Ştatlara çalyşmaryn Watanmy.

## ÝOLAGÇY OTLUSYNDAKY OÝLANMA

Bir tarapyň Hydyr gören çägelik,
Bir ýanyň Hanhowuz gowaçalygy.
Bilýän, bir mahallar ýürgimiňem,
Şu meýdanlar ýaly sowajagyny.

Şoň üçin içmäge ýaran gözleýän,
Belki, o zat ýüregime em eder,
Taýyn men, heserdeş, ykbaldaş bilen,
Güm bolup gitmäge jähenneme-de.

Bir gün säher bilen işigmi açyp,
Başy şlýapaly, ýakymsyz bir tip.
Golumy baglarda, äkdire türmä,
Dünýede düzgünsiz ýaşapsyň diýip.

Garynjaň öýjügni bozmadyk janym,
Neneň döz gelerin, beýle töhmede,
Şehit bolar töhmet okundan ölen,
Şonuň üçin gamgyn bolar söhbedem.

Ýollar nekrologa meňzär bigüman,
Gözleirm zar bolar toýdur-baýrama.
Bu dünýäniň ozalyndan kadasy,
Gülden aýra düşen bilbil saýramaz.

Hut şonuň üçinem içesim gelýär,
Belki, o zat ýüregime em eder.
Taýyn men, heserdeş, ýürekdeş bilen
Güm bolup gitmäge jähenneme-de.

SENI ÝATLAP

Seni ýatlan çagym, göwnüm açylýar,
Göz öňümde seniň eziz keşbiň bar.
Sagalýan hassalaň güzerany hakda
Gürrüňlerem aýdym bolup eşdilýär.

Ýöne, indi ýatlamaga utanýan,
Göýä biri bakýan ýaly çermegme.
Sen-ä meni küýsäp ýörenem dälsiň,
Mynasyp dälem men üns bermegňe.

Meň yzymda elli gün öň ýapyldy
Giň hem ýagty keselhanaň işigi.
Ýatan çöpem galdyramok bu ýerde,
Bejerýärler öýkenimiň çişini.

Sen bir kesellerden gora özüňi,
Galan ömrüň ýugrulmasyn perýada.
Näsag bolsaň, küreklemek kyn düşer
Gaýygyňy durmuş atly derýada.

Meniň şu diýýänlem ýadyňda bolsun,
Gezen bolup ýörme, etmän pitiwa.
/Birnäçe kişileň, hatly-petekli

adam ýaly seredilýän iti bar/.

Seni gowy görýän, aýalym ýaly,
Ýeke gezek ýatmasagam düşekde.
Ýarygije seni ýatlap irkilsem,
Ýukajyk ýorganym meni üşetmez.

Ýeri, bolýar, mähribanym, gynanma,
Janymyz sag, düzüw niýet-pälimiz,
Bolmajak zat barmy ýagty jahanda
Şatlyga-da sataşarys häli biz!

***

Her kim bagtyň gözleginde älemde
Diýip, kän oýlandym öten gije men.
Indi menem il ugruna ýöresem,
Belki, henizlerem bolmaz biçeme.

Dünýä giňdir, ahmal ýeter maňa-da
Onuň bir çetinden ýaşlar ýaly jaý.
/Şu höwesim ýüregimi ýyladýar
daşarda dekabr, gursagymda maý!/.

Şol ýerde ýaşasam
öz günüm bilen
Gaýgy meni iýmez,
çykmaz ýüze-de.
Il içinde özüm ýaly oglanlar
Maňa bakyp, ýalňyşyny düzeder.

Ýalňyşlyklar kän bolandyr bu ýaşda
bolandyr horlugam, soňsuz keselem.
Ajy zada ýaşlygymdan imrinip,
Ajy güne duçar boldum, meselem.

...Şatlygymy bigamlara paýladym,
Hemaýat gözledim men şolardan.
Başgany özüme aşna saýmadym,
Mümkin, şoldur köňül bagym çolardan.

Dost gözläbem, öňýetene dost diýdim,
Emma ýer goýmadym wada-kasama.
Ýalandan kän güldüm,
soňam agladym
Bir katra gözýaşym däldi ýasama.

Besdir indi
örtemäýin özümi—
Boljak boldy, iýne siňdi boýasy.
Janymy ýaksamam, içim ýylamaz,
Göwnümiňem ýok hyýaldan doýasy.

Bir höwes bar,
ýüregimi ýyladýar
daşarda dekabr gursagymda maý.
... Dünýä giňdir, ahmal, ýeter maňa-da
Onuň bir çetinden bir otagly jaý!

**Bilbilim**

Aýdymyňdan derde derman gözeleseň,
Ýüzüň düşmez,
mylakata, iýme kän,
Gaty beletdirin bu zatlara men,
Çünki, menem özüň ýaly bimekan.

Bimekanym,
saňa göwnüm açaýyn
Tagapyl et, daňa çenli saýrama.
Aýtdym-a häli men,
ykbaldaş biz
Men öwgä mämtäç däl, senem baýraga.

Birmahallar kändi meniň syrdaşym,
Ýeke gezip ýörün, bilbildim, indem.
Başym çaşdy,
okuwdanam kowuldym
«ikilik» aldym-da dil biliminden.

/Dil nämedir ýüregiňde söz bolsa,
Garaşýarkaň hyrydara ýeterne.
Kalby sazly şehit bolsa kaýyldyr,
duş bolsa-da belalaryň beterne/.

Şondan soň mugtuna saýrap başladym,
Şoldur biziň ömrümiziň ýalňyşy.
Göwün diýenimem tersine boldy,
Bar ýaly ykbalyň mende algysy.

Men, barybir, henek etdim ykbala
A,
ol welin, düşünmedi, eýesiz!
Nätjek-dä, bilbilim, ýazgytda bolsa,
Doganyň neýlesin, dost-ýar neýlesin!

Meni aý-ýyllar däl, günüm garratdy,
Indi zeýrenmegem görünýär çemsiz.
Ynansa, gözlerim ýumdurjak ýokdur,
Bir gün iýnim sowap, ýykylsam demsiz.

SEN GOWY

Keseki däldigmi bildim aç-açan
Gözlerňe ýetende gyňajyň çowy.
Maňa her kim gabat geldi her ýerde,
Ýöne, hemmesinden diňe sen gowy.

Sen halal süýt emen, naçar maşgala,
Öwýär seni mydam goňşy-golam-da.
/Sen hakda üýtgeşik bir zat ýazaryn,
Menem ile belli şahyr bolamda/.

Gitdiň sen birmahal durmuşa çykyp,
Menem galdym, dönüp süpük tirýekä,
Bolýa, ýöne nesip edenem bolsaň,
Özüm ýaly ýarymgöwün bir ýekä.

Uzak ýaşap, bagta ýetmek höwesi,
Maňa şu güne çenli berdi goltgy.

Şoň üçin umytly ýaşadym ýördüm.
Ýogsam ölmäge-de sebäp bolupdy.

Aý, bolýa-da, geçen geçdi diýeli,
Goýdum seni hakydamyň töründe.
Sawçylyga iberjekdim ejemi,
...Goý, olam rahat ýatsyn göründe.

Keseki däldigmi bildim aç-açan,
Gözlerňe ýetende gyňajyň çowy,
Maňa her kim gabat geldi her ýerde,
Ýöne, hemmesinden diňe sen gowy.

**Sähra gideýin**

Ýüregim bir uly şatlygy syzýar,
Gideýin men kän garaşdym, bes indi.
Aprelde sähralar bolsa-da yzgar,
Ýylanmaga bar köňülde kesindi.

Janlansyn usurgan damarlam meniň,
Ýuwuş suwy goýberilen keş deýin.
Ýylakly meýdana owkalap tenim,
Boz torgaýyň nagmasyny eşideýin.

Ýagyş suwy püre-pürlän kaklaryň,
Ýakasynda dikeldeýin çalmarym.
Il gözüne utançly bakmaryn,
Könelse-de geýip gelen jalbarym.

Agşam
    toşap ýaly, göý çaýdan boşan,
Käsä dolan Aýyň ýüpek şöhlesin.
Içip,
    ykbalymdan bolaryn hoşal.
Azalsa-da ömür diýen möhledim.

Dünýä inip, mähri bilen gundalan,
Göbek ganym siňen ýaýlam Ýerbendim,
Bigamlara hemra bolup munda men,

Senden gidip, şowsuzlykda sermendim.

Aşyk bolup, baky bahar paslyna,
Heňňam içre ham-hyýala münmedim,
Ýakyn boldum ynsan diýen aslyma,
Unutsamam musulmanlyk sünnedin.

Ýöne hiç kim maňa gülüp bakmady,
Yşkymy aňmady göreçlerimden.
Aýdymlarym şum ykbalym hakdady,
Şondan zyýat aýdym döretmedim men.

Burkut ataň talaň salan göçleri,
Aglap-diňse,
Gözýaşlary gowzasa,
Azalmady hesretimiň möçberi,
Ýagty dünýäm döndi maňa dowzaha.

Men ýagty jahandan yşyk gözledim,
Tümlük baglan çagy didelerimi.
Ýat göwünlä bagş etmäge dözmedim,
Köňlümdäki polýar gijeligini.

Onsoň howandarym sähra dolandym
Dumanly ýaýlanyň ümsüm döwründe.
Sähram!
Bagyşla ykbalyň şeýle bolanna
Arzuwlarym köýüp galan ömrümde.

***
Ýaşlyk menden ara açýar,
Uzaklaşýar owaz ýaly.
Köňle gussa aralaşýar,
Ýürek boşap, sowan ýaly.

Boldy ýalňyşam, ýazygam,
Şatlygam bolupdy ýetik.
Sarç mal kimin tazygan
Arzuwlarym, barýar ýitip.

Birmahallar göwnüm söýen
Bigamlara joradym men.
Ajysyny deň paýlaşyp,
Ajy günden goradym men.

Indi gussa aralaşýar,
Ýürek boşap, sowan ýaly.
Köňül bahary küýseýär,
Jyda düşen dogan ýaly.

**Ejeme**

Ak pataňy alyp, gömme nanyňy,
Bile guşap, ak bedewe mündügim.
Giderin men, mydam bolman ýanyňda,
Ýelden ýüwrük heserdeşim-düldülüm.

Hatda seniň düýşüňe-de girmejek,
Uzak, ýat ülkede taşlaryn labyr,
Ähtimal, gelmernem toý çakylygyňa,
Diňe ezýetiňde, gussaňda çagyr.

Gözýaşyňy gülli keçä damdyryp,
Hesretiňe boglup, käbäm sojama.
Dolar meni duzun iýen tamdyrym
Mähriň siňen şu pukara ojaga.

Ýarygije Aý bakanda tüýnükden,
Arzuwyňa ýetirende düýşleriň.
Gam-gussany, şeýtan ýaly güýlüp men,
Gamçylaryň bulut ýaly üýşmegin.

**Sersepil**

Bigadyr bolarsyň, miwesiz bolsaň,
Duşmadym men heniz seni magtana.
Adamlar hemişe bähbit gözleýär:
Öwüp arşa çykardylar pagtanam.

Çig süýt emen bolýar adam diýeniň,

Hemişe bir zatda gaýdylýar kelte.
Biziň bähbit gözläp, şeýdip ýörşümiz
Ahyry bir belaň üstünden elter.

Tanap goý sen, ikimizem heserdeş,
Sersepilim, sersepilim, sersepil.
Mydam seniň hyzmatyňda gezerdim,
Eger ykbal ellerime berse pil.

Ýogsam,
      goşgy ýazyp, janymy ýakyp,
Çendenaşa ezýet berdim ýüregme.
Hesret derýasyna atdym özümi,
Ýok gaýygym, ýok elimde küregmem.

**Döwrana arzuwym**

Gaýgy etme gün alýamak hakynda,
Günüň dogup, ýaşyşyna aşykkaň.
Bu sözlermi doga edip dakynma,
Gülün döken pisse bilen ýaşytkaň.

Durmuş meselesi bolsun huşuňda,
Kyndyr ol algebraň deňlemesinden.
Onsoňam mährem bol deňi-duşuňa,
Göwni sowuk diýip geňlemesinler.

Köňül diýlen däldir Pars aýlagy,
Joşgunyna, gaýtgynyna esetgin.
Ötegçi şatlygy bagtym saýmagy
Men-ä jigim geçen ýyl güýz bes etdim.

Mähriban ýyllaryň deňinden geçip,
Başyň şlýapaly adam bolansoň.
Ýagşylykda ýatla garyp agaňy,
Göwnüň küýsäp, geçmişiňe dolansaň.

Sözerimden gyýylma sen, gynanma,
Täleýiňde şatlyk bolar ýene kän.
Ýagty öýüň täk öresi synanda

Tylla gulpakly Aý bolar enekäň.

ÖWRENIŞDIM

Günler ömre şatlygyny tirkeýä,
Azalyşýar ýüregimiň järhedem.
Täleýimden çykyp, gitmen Türkiýä,
Kalba niçik ezýet - azap berse-de.

Çünki, bu ýer, ýagşy päle öýerdi,
Galdym oňa nikalanyp, imrinip.
Öýmüzdekäm säherleri söýerdim
Höwäsgäri boldum indi iňrigiň.

Agşamlara yşk höwesin goşan Aý
Ýada salýar eräp barýan mesgäni.
Bu ýerleriň adamlaram hoşamaý,
Ozaldan göwnümiň besleýänidi.

Göwün açmak üçin gözleseň pişe,
Dul aýalyň öýi berlenok salgy.
Ynanaý, şulary görsem hemişe,
Bir zatlar,
Bir zatlar gozgaýar kalby.

Men bu ýerde gögerçinleň aşygy,
Heserdeşi hem wepadar itleriň.
Şu ýerde ýaşaryn galan ýaşymy,
Men bu ýerden öz erkime gitmerin.

GOWY

Gowy, ýagty gündiz, gijäň tümlügi,
Torgaýyň nagmasy, gargaň nalyşy.
Ýatlamalaň goşhalta deý agralyp,
Hakydaňda dünýe bolup galyşy.

Ýadasaň kämahal, ezýetden irseň,
Öz ýagty dünýäňe dolansaň, gowy.

/Metjit ýaly tämiz, köşgüne girseň,
Bulaşyk täleýiň çözülýär towy/.

«Dutaryň owazy» oýarsa, gowy,
Säher penjireden baksa, ýagty gün.
Ýollaryň uzagy basmasa howuň,
Dowam etse, ogul bilen agtygyň.

**Hoşlaşyk**

Gördüm, hoşlaşykda egnimden garap,
Açyk penjireden delmurup durşuň.
Seriňde ýatlamaň ýumagyn sarap,
Diňläp durmudyň sen ýüregiň urşun.

Gam çekme,
Başyňda sansyz alada,
Mekgäň daşy kimin sallanan çagy.
Hoşsurat bir ýigit gelip alnyňa
Üwrär, täleý atly sallançagyňy.

Men-ä garyp oglan,
                dagy bolmasa,
Bigamlykdan gaýry ýokdur ýazygym.
Halal nanym, gant, ýagsyz kolbasa
Hem süýji arzuwlar her gün azygym.

Tä ölinçäm seni ýatlap gezerin,
Bolsaňam sen başga kişiň aýaly.
Iller näme diýse, şony diýsinler,
Kalbymda saklaryn ikona ýaly.

**Bahar**

Öten agşam ýagyş ýuwup darapdyr,
Söwütleri — hatardaky esgeri.
Sürüp ýördi oýnam sany traktor
Üç aý gyşda tohum küýsän mes ýeri.

Tüýdüm-tüýdüm bulut a:kdy kagyzdan,

Çal heseriň oňurgasy synykdy.
Şemal — bahar meýlisine çagyrlan -
Hoşamaýdy, ýüpek ýaly mymykdy.

Köne salma kenaryna öjügip,
Ýigdekçe deý geçipdir öz hetdinden.
Gözbaşyna pyýadalap, ajygyp,
Sagat ýarym ýöräp, zordan ýetdim men.

Bir çetinde sürüm geçen kartalaň,
Jigerimi gussa daglap saklady.
Ol şat bahar yşky bilen gartaşan,
Aýdymdy,
Güýz hem aýralyk hakdady.

**Mynajat**

Sen maňa kuwwat ber, merdem bolmaga,
Ýüregimi ezýetlere taýynla.
Aýralyk tyg bolup dilse-de kalby,
Ol parahat urup dursun jaýynda.

Kalbyma umyt sal, lowlasyn dursun,
Şaman ody ýaly öçmän yşygy.
Tukat ýeller öwsüp, sowulanda güýz,
Şonuň bilen geçirerin gyşymy.

Pula satylmaýan iman ber maňa,
Men imansyzlardan edýärin heder.
Günümi aýlaryn aýlyk bilenem,
Şonda-da halal nan miýesser eder.

Salyhatly oýlanaýyn, gepläýin,
Goşma meni zynakärleň oýnuna.
Aýpalta meňzeş Aý gülýaka bolup,
Dakylmasyn bir ýeňlesiň boýnuna.

***

Goýup kalbymdaky çäksiz höwesi,
Adamlaň şowhunly hümerinde men,

Giderin ýolagçy otlusy bilen
Ýyllaryň deňzine çümerin-de men.

Ýöne sen gyýylma, janyňy ýakma,
Hoşlaşyk zoguny çalanda otly.
Onsoňam ýatlama aýralyk hakda,
Näme, ýatlar ýaly geçmişim ýokmy?

Bagtdan sermes gez, ejapdan ümsüm,
Şu bolar dilegim soňky demdäki.
Men-ä hiç, köňlüme sowuk tyg çümsin,
Siňsin hesret bilen ajy temmäki.

Gowgaly dünýäniň nirelerinde
Gezseňem yhlasym bolsun ýaranyň.
Gijeler gözel Aý direleninde
Unudylsyn uzaklygy aranyň.

Men gideýin, ykbalymy yzlaýyn,
Tap getirip bilmän göwne deglenne.
...Şat günlerim geçdi köňle yz goýup,
Bu günlerem möhletinden eglenmez.

**Garly günüň ýatlamasy**

Niýetini ýagşy päle öýerdi,
Rysgal gözlemedi özgäň aşyndan,
Ol itlerem ýüreginden söýerdi,
Ýogsam itiň güni bardy başynda.

Ol gyşy söýerdi, ümsümligini,
Diýerdi: «Gar ýagsa, älem ýagtylýar».
Gar tozgalap ýere düşek bolanda,
Diýerdi: «Gar ýagdy, meniň bagtyma».

Il üçin ýaşady gysga ömrüni,
Her zat diýsegem ol, däldi üşüksiz,
Ýöne bir garly gün ahmal galyp ol,
Bir maşynyň aşagyna düşüpdi.

Ol bir şa göwünli garyp oglandy,
Mertebesi boýy bilen deňe-deň.
Nämynasyp ykbal çirkizdi ony,
Horluk üçin doglan eken eneden.

Älemde adamdan at galýar diňe,
Säginmesi-salymy ýok wagtyňam.
Bir çak onuň höwesine ýagan gar,
Indi ýagýar özgeleriň bagtyna.

## SÄHRANY KÜÝSEDIM

Sährany küýsedim, ýüregim gysdy,
Şonsuz dar gördüm men köňül mülkümi.
Sähraň ýandaklaram gözüme yssy,
Söýýän ony bir ajaýyp gül kimin.

Öten-geçenleri görjegim hakdy,
Çyksam garamyklaň alaňlaryna.
Depelere çykyp, ýokardan bakdym,
Özgäniň gybatdyr ýalanlaryna.

Ökünemok bu ýollara gaýdanma,
Her ýerde kän oturybam iripdim.
Ýene-de bir sebäp, bäri gaýdanma,
Agşam şu meýdanlar düýşe giripdir.

Ýaz gyşyň erkini alyp elinden,
Ot örüpdir, ýapylaryň gerşine.
Göwnüm göterildi, sazak-selinleň,
Maňa tagzym edip, salam berşine.

Bu ýyl biçak bol bolupdyr selmeler,
Süýgeşik gök şire siňýär köwşüme.
Sähranyň yşkynda boldum telbe men.
Belki, duýgym aýdym bilen böwsüler.

## WAGT GEÇÝÄR

Wagt diýlen däldir heserdeş joraň,

Garaşyp durmaz ol, çykyp işige.
Dostlar öter gider emgekden gorap,
Soň bilersiň ony, girse düýşüňe.

Aýa sen olary, toý köýnegiň deý,
Tämiz sakla, özgä amanat berme.
Ýalňyşsaň örtenäý, otly köýnek geý,
Söýgiň gerdeniňe güýç bersin herne!

Kyn bolar, meýdana çökende iňrik,
Çäresin tapmarsyň döz geler ýaly.
Tenha, hesretini inine siňrip,
Ýaşabam bilmersiň özgeler ýaly.

Göwnüň jübüň ýaly bolsun arassa,
/Aýlygňa garaşyp gezmek aýyp däl/.
Ykbal kişiň derdi üçin ýaratsa,
Kaýyl bolaý, bir ýaman söz aýtman.

Geçenini käte ýatlap dursaňdyň,
Olar geljegiňe galdyrar sudur.
Gussa raýdaş, şatlygyma hursandym,
Saňa öňde, soňda diýjegim şudur.

Wagt diýlen, däldir heserdeş joraň,
Garaşyp durmaz ol, çykyp işige.
Dostlar öter gider, hesretden gorap,
Soň bilersiň ony, girse düýşüňe.

## SENIŇ YŞGYŇDA

Gök asman dursa ýerinde,
Zeminem ýatsa bugaryp,
Baky ýaşarsyň serimde
Ýalňyz galsamam, gugaryp.

Şu sözi ýatla hemişe,
Gaýtalap ýörmez çem gelen.
Yşkynda boldum kemine,
Söýgim didämde jemlenen.

Hesretde saralan, solgun,
Gül keşbiň gaşsa yşnagy.
Bir nyşan ýetişer şol gün,
Üýtgedip ýaz-u-gyşlary.

Ataşym-yhlasym bilen
Huzuryňa ýeterin men.
Goraryn, bagryňy dilen
Belalaryň beterinden.

Baky ýaşarsyň serimde
Ýalňyz galsamam gugaryp.
Gök asman dursa ýerinde,
Zeminem ýatsa bugaryp.

BAHARGÜL

Bahargül, men saňa baharda duşdum,
Gargalaryň owazynda gam barka.
Bägüller bagynda bolanda huşsuz,
Pudagyndan ýagyş suwy damýarka.

Söýgiň huzurynda sadyk gul ýaly,
Tylla halkasyna boldum kökerlen.
Şu ýerde gussamy nagt pul ýaly
Bagtym üçin bagyş edip döker men.

Pasyllar parahat gelsin-de geçsin.
Bahargül, ak bagtyň bolsun maňlaýyň.
Gara gözleriňde göreýin keşbim,
Täleýine hemişelik daňlaýyn.

Men bu ýyllar bilen ýel deý öwseýin,
Ykbal bu ahwaly gaýtalap bilmez.
Ýöne, galar söýgim, solmaz göwherim,
Asyl ony hiç zat maýdalap bilmez.

***
Suratçy dost, senden tenha haýyşym,

Arzuwlam gül bolup gögersin meniň.
Çek asmanda hyýal kimin gaýyşyn,
Çapak çalyp barşyn gögerçinleriň.

Çek sen, dostum, towuklaryň telärin,
Ejem janyň çörek ýapýan tamdyryn.
Galam hakyň aýlygymda tölärin,
Unudyp dünýäniň gaýgy-gamlaryn,

Şemal ýaly tiz bedewe münjekdim,
Çek sen, meniň şady-horram şeklimi.
Obanyň üstünden äpet Gün çekgin,
Tükeniksiz ýol hem bolsun çekilgi!

## SENSIZ

Sensiz ähli zada öwrenişýärin,
Köçämizden aglap geçse şemalam.
Sensiz ähli zada öwrenişýärin,
Känbir gussa çekmeýärin şumalam.

Sensiz ähli zada öwrenişýärin,
Öňküsi deý Aýly, ýyldyzly asman.
Ýyllar şemal bolup geçende aglap,
Köne ýaralaryň bitmegi ahmal.

Ýogsam bir zadymy ýitiren ýaly,
Saňa derek aýnamyzdan Aý baksa.
Henizlerem ylgap çykýan işige,
Nätanyş ýolagçy gapyny kaksa.

## SÖÝMEK BAGTY

Söýmek bagty ýok ýalydy kysmatda,
Özümden özgäni söýüp bilmezdim.
Gijeler sargaryp, ýürek gysmakdan,
Gyzlaryň yşgynda köýüp bilmezdim.

Keşbiň bilen doldy köňül sandygy,
/Boş galmajak ekeni ol bu ýaşda/.

Öz müdimi höwesinde ýandygy,
Seni görüp başladym men Kuýaşda.

SÄHRA ÇYKDYM

Ýene bu ýerlere nesibäm çekip,
Otly köýnek geýip, çykdym meýdana.
Görküniň ýasama däldigi bilen
Çigildemler meni saldy heýjana.

Eý, sähram!
Giň dünýä sygyp bilmedim,
Ýerleşsemem dar ölçegli penjege,
Iş-alada bilen göwnümi bölüp,
Ýarymgöwün bolup galdym ençeme.

Sen kalbymyň owazyny alyp gal,
Ýaz ýeli, dek mylaýymdyr ol aýdym.
Men sende döredim, kemala geldim,
Şonuň üçin ol saňa-da golaýdyr.

Men ömrümi ýagşy päle besledim,
Galan ömrümizem şonuň bilendir.
Saňa-da şowhunly ýaşyl baharlar
Hem daş düşelmedik ýollar diledim.

SENSIŇ

Sensiň gam öýüniň binýadyn bozan,
Naçar leglegim.
Ömrüň ak säherin basmasyn tozan,
Bägül kimin açylanda lebleriň.

Akmaýanyň ýoly däldir ýazgydyň,
Ýodaňy ýitirdiň, ýola dolandyň.
Köýen arzuwlaryň keç bagtyň däldir,
Ol biriniň nesibesi bolandyr.

Umyt badalgaňdyr, şonsuz ötegçi,
Şatlygyň ählisi ýarym mysgaldyr.

Özüň bu zatlara düşünersiň giç,
Käte oýlanaňda ýürek gysýandyr.

Alys ýolda seni idän yhlasym,
Ummana oklanan çeňňekdi dünýäm.
Sen, durmuşyň ezýeti kän diýmegin,
Gowgaly ak dünýä jennetdir, dünýäm.

Söýseň meni, söý yşkyňdan uýalyp,
Sada ýygralygy, diýmezler aýby.
Ynan, ykbal bizi eýlemez jyda,
Ýelkene ýel düşüp, äkider gaýygy.

ALLA GORASYN

Bulut geçse, kölgesinde üşejek,
Ýagyş ýagsa, ýüpek saçyň ezjek sen.
Göwnüňe degmesin ejeň dagy hem,
Ýogsa, mydam gözüň ýaşly gezjek sen.

Ýel öwsende tozan ýokar kirpigňe,
Seniň köwşüň, meniň kalbym kirjiger.
Ömürboýy seni aýap ýörmäge
Mejbur bolsam, ökünmerin birjigem.

Sen bir göwni ýuka, eziz maşgala,
Belki, ýowuz ykbalyma jorasyň.
Men seni goraryn ýaman gözlerden,
Belalardan seni Alla gorasyn.

TÜWELEÝ

Möhüm bir zadyny ýitiren ýaly
Çar ýana alakjap, çöwjäp başlady.
Sähel salym içre ümsüm sähranyň
Ýaşyl köýnegini ýyrtyp başlady.

Men beýle tupany halamaýaryn,
Onda bir ýakymsyz öçlülik duýýan.
«Il bagtyna guwanmaýan kişiniň

Betlagam gylygy barmyka?» diýýän.

Belki, yşgyň söwdasynda utulyp.
Ol Tahyr deý Watanyndan kowlandyr.
Bir zat weli köre hasa tüweleý
Säherlerde öçli ýaly towlandy.

18.12.1997.

Meni bu ýolumdan gaýtarjak bolma:
Göwün giden taýa ädim ädiler.
Maňa sähelçe zat zerur, dogan jan,
Aýdan aýdymlarma düşünsediler.

Çünki, öňde-soňda perwaýsyz boldum,
Ýeňles aýdym aýdyp meşhur bolmaga.
Şu gylygym meni bähbitden goýdy
Ynjalygam bermedi hiç ol maňa.

Emma, ýazgydynda barlygy üçin
Bilbil gül yşgynda saýrap ýadamaz.
Maňa öwüt berme, düşünäý dogan:
Sähelçe zat zerur eken adama.

17.12.1997.

Aý, hawa-da, özge nireden bilsin,
Kesekiň ahwaly kesekä syrdyr.
Haýyş bilen kiçelmäge utanyp,
Nebir arzuwlarmyň ganatyn gyrdym.

Dünýä bir bolşuna galdy barybir,
Emma, bir ýetmezi bar eken oňam.
Hiç kimem özgäniň tabyn bilenok,
Soramasaň pul berenok, onsoňam.

Belki, her kime-de asman zerurdyr,
Hem onuň erkana ýüzýän buludy.
Her kim çemin tapyp, uçup gitjekdir,
Her kimiňem arzuwlary uludyr.

Asman giňişligi zerurdy maňa,
Hem onuň erkana ýüzýän buludy.
Uçup gitmekçidim çemini tapyp,
Ýaş oglandym, arzuwlarym uludy.

Aýlygymyň ýaryny öýe ugradyp,
Ýele sowurýardym artanjasyny.
Goňşymyň üç gyzy bardy, niýetim,
Öýlenmekdi şolaň ortanjysyna.

Üýtgeşik bir sowgat alyp şo gyza,
Gutlajakdym 8-nji martyny.
Ýöne, pulsuzlygym sebäp boldy-da,
Bulaşdyrdy meniň ähli kartymy.

Pul sorasam, beriljegin bilsemem,
Islemändim işiň beýle biterni.
Şol gün maňa örän-örän zerurdy,
Azajyk hemaýat, az-kem itergi.

Ýogsam, tanyş adam bardy ýanymda,
Obadaşym bardy — üme düşmezdi.
Garaz, begenmedi begendirjegim,
Ykbal arzuwlarma düzediş berdi.

**Nesihat**
***Döwrana***

Sen özüňi aýa ýeňles gyzlardan,
Aýal bolup hezil bermez äre kän.
Ýamana duş bolsaň, gysylar egniň
Ornuň bolar bir çetinde märekäň.

Kart oýnama, gyjalata galarsyň,
Ýüzüňem sow arak-meýden, neşeden.
Şoldur jigim, sergin başy sämeden,
Şoldur meni matam güni mes eden.

Könlümizem däldir Pars aýlagy,

Joşgunyna- gaýtgynyna esetgin.
Ötegçi şatlygy bagtym saýmagy,
Meň özümem geçen ýyl gyş besetdim.

Bagt bir guş, uçar gider, şonsuzam,
Ömrüň gysga bolar, şat günleriň kem.
Ýaşlyk edip galaýmagyn armanda,
Armanly ýürege tapylmaýar em.

**Eşit mähribanym!**

Armajak ýaly indi hiç,
Ykbalymyň bujurygy.
Ýaşap ýörin aman-esen,
Aýap güýçdür-gujurymy.

Bolmajak ýaly hiç mahal,
Gaýgy-azap, ejir indi.
Boldum agram hem mylaýym,
Jedellerde geçirimli.

Men, ahmal, bihal däldirin,
(Göwnüňe güman getirme!)
Her sözüme pul tölenýär,
Pylança manat setirme.

Aýalym düşbi, ýogsam ol
Doly däl orta bilimli.
Diýýär ol: «Janyňy ýakma,
Taşla özüňem çilimňi».

Daş gulakdan eşidýärin,
Ýaman zabunmyş gaýynyň.
Adamyňam... bolýamyş-da,
Sen dagy şonuň taýymyň?!

Kämahal ýersiz yrsarap,
Göwnüňe degende äriň.
Seniň maňlaýsyzlygyňa,
Men asla begenmeýärin.

Mende bir gowy arzuw bar:
Seni Alla jan ýalkasyn.
Sataşdyň gadyr bilmeze,
Sen bir gyzylly halkasyň.

DOGRY DÜŞÜNIŇ

Eger size: «Söýýän» diýsem,
Söýýändirin azda-kände.
Siz maňa dogry düşüniň,
Söýýänler sözünden dänmez.

«O» diýip okap bolarmy?
Ýazan bolsam «A» harpyny.
Ýa kabul edip bolarmy
Salam deregne şarpygy?

«A» harpyna «a» diýmäge,
Meniň-ä ýetýär üşügim.
Sizdenem etjek haýyşym,
Siz maňa dogry düşüniň.

**Atama açyk hat**

***Orazmyrada bagyşlaýaryn.***

AGAMA

Uýalarym eşitmesin bu gepi,
Düşünmän gynanar, aglar, hamsygar.
Işiň oň bolmasa gyjalat berip,
Içiň ýakýar her öňýeten samsygam.

Emma, men ejiz däl, kalbym ýagtylyk,
Tümlükde goýmady Perwerdigärim.
Pikir edip: Hydyr ata duşsamam
Şundan zyýat bagty bermez diýýärin.

Ganybir bolsagam hüýümiz başga

Belki, bolup ýörşüm saňa-da geňdir.
Emma, bilip goýgun, ömrüň manysy,
Edilen işleriň jemine deňdir.

Şol sebäplem, aýbym-müýnüm ýok meniň,
Men bir saz yşgynda gezen teneçir.
Gül yşgynda saýrap gören şatlygym
Horlugyma gelse bolýar deňeçer.

Dogry, nadyl bolýan aýdym aýdamda.
Düşünmän içimi ýaksa halaýyk.
Emma, maňa çörekli kär gözleme
Däl ol meniň üçin maksadalaýyk.

Meni bu ýolumdan gaýtarjak bolma:
Göwün giden taýa ädim ädiler.
Maňa sähelçe zat zerur, dogan jan,
Aýdan aýdymlarma düşünsediler.

Çünki, öňde-soňda perwaýsyz boldum,
Ýeňles aýdym aýdyp meşhur bolmaga.
Şu gylygym meni bähbitden goýdy,
Ynjalygam bermedi hiç ol maňa.

Emma, ýazgydyňda barlygy üçin,
Bilbil gül yşgynda saýrap ýadamaz.
Maňa öwüt berme,
düşünýän dogan:
Sähelçe zat zerur eken adama.

## Eziz Türkmenistan

Ilde algysy kän,
Bergisi ýokdur.
Hiç kimiň ýanynda egnin ýygyrmaz.
Şonuň üçin bu gün ýüregim joşdy,
Ülkämi wasp etsin indi şygyrlam.

Gapylarmyz açyk dosty-ýar üçin,

Göwnümizem açylyşda kem-kemden.
Hergiz göwni sahy, eli açyga,
Rysgal bilen döwlet bolýandyr hemdem.

Binalarmyz beýik,
görlen zat däl, geň,
Tahýaň ýere gaçýar, golaýdan baksaň.
Serdaryň aýdany çyn bolup çykdy,
Arkamyzy çoýjak ýagty Gün hakda.

Çyn daýhan han boldy — saçagy doly,
Ak bugdaýyň ysy urar burnuňa.
Kaddyny dikeltdi,
Egnini ýazdy,
Ýyllar boýy jepa çekip surnugan.
Hannas bolma,
baý bol,
päsgel berýän ýok.

Ek,
suwar,
ýetişdir,
ýer bölüp al-da.
Pederleriň gany hem deri siňen
Toprak
ideg etseň, berýär kän galla.

## AGŞAM ŞAPAGY

Ýaňy oýun bilen gümradym, emma,
Atymy mugt berip, taşladym küşdi.
Şapagy göremde, sowet döwründe,
Özün otlan bir gyz ýadyma düşdi.

Nämüçin, näm boldy, bilmedi hiç kim,
Sanjak boýly gyzdy, obaň görküdi.
Bezenip çykanda toýa-tomaşa,
Ýaza meňzeýärdi gyşyň örküji.

Söýýärin şapagy — şaman ody deý,

Tutaşyp,  asmana  büreleninde.
Durmuş bir mukaddes kitaba meňzeş,
Ylham alýan onuň sürelerinden.

Her gün şeýle bolýar: şapaga garap,
Älemde bar zatdan gözleýän muny.
Şapak, garamaňlaý gyzmyka ýa-da
Bir şehit bendäniň dökülen gany.

SÖÝGI

Perişdeleň örýän çagy oýandym,
Köňül heserlendi, ýürek terpendi.
Gördüm ýarymaçyk tüýnükden garap,
Bady-sabaň bulutlary serpenni.

Belki, bes edendir Biribar indi
Ykbaly gam bilen zäherlemegni.
Agşamyň şapagy gamlandyrmaýar,
Şatlyga gark edýär säherler meni.

Indi adamlara mähirli bakýan,
Indi olar maňa görünýär yssy.
Kine saklap gezen ýyllarym üçin,
Ökünje gaplanyp, ýüregim gycdy.

Ýürekde söýgi bar — il-güne söýgi
Oýanypdyr, telim ýyllap irkilen.
Söýgi — oda guýlan spirt mysaly,
Ýanyp dur gursakda ak ýalyn bilen.

Şerbet suwy ýaly etse-de melul,
Bu duýga berdim men bütin erkimi.
«Aýallar-uýamdyr, erkekler — dogan»
Diýip, tüýs ýürekden söýýän her kimi.

Bular bir ýow güni gözümden uçup,
Kän ýyl soň tötänden sataşan ýaly.
...Söýgi bilen dünýä geldim ýaňadan,
Niçik bolar, söýmedigiň ahwaly!

## Gawun sakçysy we çagalar

— Aleýkim, gurgunmysyňyz?
Geliň, dillije kelleler.
Siz ýaly perişdejikleň
Rysgalyny şeýtan ellemez.

Alyň, ine, şu pyçagy,
Gawun-garpyzy dilimläň.
Soňra birneme tijeniň,
Matal galmasyn bilinmän.

Bilmeseňiz öýkelemäň,
ÝA gahar etmäň birjigem.
Ýaşlykda kine saklanyň,
Ulalsa, kalby kirjiger.

Şol sebäplem, diýjek sözüm,
Kinelini halamaryn.
Durmuş çözmesi kyn matal,
Şony biliň, balalarym.

Ýygnaň indi paçaklary,
Isrip bolup ýatmasynlar.
Tämizlik bolsun hemişe
Babaňyzyň çatmasynda.

Geliň ýene gezelenje
Her gün, dillije kelleler.
Siz ýaly perişdejikleň,
Rysgalyny şeýtan ellemez.

## Toýa bardym...

Içip, toç gelen märeke bilen,
Garylyşyp gitdim tüweleme men.
Toý gowy zat,
hemmä toýdan ýetirsin,
Adamlaram gowy, tüweleme-le!

Söýýän men olary,
gamly günümde,
Goltugymdan söýget beren şolardyr.
Eger, şol adamlar bolmadyk bolsa,
Ýat hem uzak ilde misgin bolardym.

Özümi olardan aýra tutmadym,
Illerden üýtgeşik bezenmedimem.
Bildim men bularyň ýakynymdygyn,
Ajy gam bagrymy ezende diňe.

Sarpalysyn sylap,
Merdini söýüp,
Egni gysygna-da atmadym pitjiň,
Toý bilen ýas bile gelen çagynda,
Hergiz ilki bilen namaza gitdim.

Bu gün bolsa, toýa diýip jemlendik,
Goý, hemişe bolsun, şular ýaly toý.
Her kimiň dilinde ýagşy dilegi,
Il-günüň dilegem kabul bolsun, goý!

Neneň gowy, içip toýuň şanyna,
Garylsaň märekäň şüweleňine.
Toý gowy zat,
hemmä toýdan ýetirsin,
Adamlaram gowy, tüweleme-le!
Dogry, birazajyk başym aýlanýar
Gaçyp barýan ýaly düýpsiz käle men.
Emma, geň zat däl bü,
sebäbi diýseň,
Aýlanma kanuny mahsus äleme.

**Awtobusda**

Çoganlyň deňinde bazara barýan,
Aýallar elem-tas bolup mündiler.
Goşlary kän eken ýarar-ýaramaz,
Biriniň elinde bardy kündügem.

Kän gürrüň etdiler,
tanyş-bilişleň,
Bolan hem bolmadyk hatasy hakda.
Soňam bir geliniň Türkiýä gidip,
Getiren üýtgeşik matasy hakda.

Hormat goýmasamam, endige görä,
Birine ýer berdim çalarak süýşüp.
Her kim öl-suw bolup,
derläp-daljygyp,
Gapa seredişip, durdylar üýşüp.
Beýle gapdalymda durdy bir gelin,
Elinde tor,
Içinde-de mürepbe.
Aýagyma basdy,
Yza duýmadym,
Gaýta çäksiz şatlyk duýdum ýürekde.

Sebäbi, şo bada «Bagyşlaň!» diýdi,
Uýatly ýylgyryp, bakyp edaly.
Towşantüý-ä däldim, ekabyrrakdym,
Şonda welin birden gaçdy mejalym.

Taýyn-la ýüz gezek bagyşlamaga,
Ýüz gezegem ogşamaga dabanňy.
Biler bolsaň ýaňy, göwnüm gitdi-de,
Seni hut öz äriňdenem gabandym.

Bagyşla diýseler söýýän, sebäbi
Düşün, köşek gözli, saçlary syýa.
Ýogsam, diňe şu gylygym üçinem,
Durmuşda gaty kän çekdim men zyýan.

Meni kän urdular, gizlinlik bilen,
Ýüregimde yz goýdy şol depgiler.
Soň bolsa, özümi günäkär saýyp,
Ýaramyň üstüne narpyz sepdiler.

Goý, basylan aýak bolsun hemişe,

Aýakda däl, başda bolar mertebe.
Eger sen bagyşla diýmekçi bolsaň,
Müň gezek bas, kaýyl beýle şerte men.

Aýakda agyry-yza dumadym,
Emma, çäksiz şatlyk duýdum ýürekde...
Keşbiňi hiç haçan ýatdan çykarman,
Awtobus, tor,
içinde-de mürepbe.

SÖÝGI TÖLEGSIZDIR

Bilýän söýgim üçin hiç zat tölenmez,
Aslynda özümem söýdüm nebissiz.
Düýn bir torgaý etenesi ölende,
Meni dogan saýyp derdin egisdi.

Jandarlaram kiçi doganmyz diýip,
Okatdylar, öwretdiler mekdepde.
Okatmagam, öwretmegem kyn zat däl,
Esasy iş ony berjaý etmekde.

Şükür, kem zadym ýok dünýäde meniň,
Dilgir bolsam, Biribaram halamaz.
Meniňkidir asmandaky torgaýlar,
Hem beýleki guşlar gonýan alalar.

Söýmän biljek däl men, sebäbi diýseň,
Şonuň üçin dörän ynsan kowumy.
Hany, maňa aýdyň, guşa daş atýan,
Adamlar gowumy, guşlar gowumy?

Janawerler, derdim bolsa paýlaşyp,
Derdin egser etenesi ölende.
Hiç kim meni nebsiň guly saýmasyn,
Söýgim üçin başga hiç zat tölenmez.

**Alabahar tupany**

Söýýärin maýdaky ýaz tupanyny.

/F.Týutçew/

I

Meniň ýüregimi heýjana salýar,
Ir alabaharyň apy-tupany.
Ýagyş köçeleri dolduryp suwdan,
Akdyryp äkidýär hapa-hupany.

Gelşigine gelýär çuwalgyz ýaly,
Baglar çyplaklanyp taraşlanýar-da.
(Ähtimal, maňa-da bir ýerde şeýdip,
Çäksiz höwes bilen garaşýan bardyr).
Her ýyl şeýle bolýar,
paýawlanda gyş.

II

Fewralyň soňunda,
Martyň başynda.
Belki, ömrümiziň manysy bardyr,
Duýgulaň kiriş deý dartylmasynda.

Ynjalyk tapýaryn,
bulutlar süýşüp,
Asman sarsyp,
Ýyldyrymlar çakanda.
Özümden utanýan: «Şu çaka çenli,
Ownuk işe gümra» diýip jahanda.

Söýgi bilen tämizlärin dünýäni,
Hiç zat indi eli işden sowatmaz.
Diňe Bibirbardan: «Güýç-kuwwat hemem,
Möhlet beriň» diýip edýän towakga.

Bahary arzuwlan bahara gowşar,
Arzuwsyz kişiler kän çeker arman.
Bar bolsa bir ýerde zarymy çekýän,
Oňmaryn iru-giç gaşyna barman.

**Suratlara seredip...**

Suratlarda adamlaryň keşbi bar,
Olar kän zat ýatladyp dur geplemän.
Pul saklanýan düwünçekde ýygşyryp,
Suratlary aýap saklaň, eplemän.

Olar maňa janly ýaly bakyp dur,
Käbiri syrdaşym, käsi bigäne...
Her kimem bolanda, tapawudy ýok,
Dilim barmaz ýakymsyz söz diýmäge.

Gamgyn çagym seredýän-de oturýan,
Iremok men näçeler syn etsemem.
Olar ähli zada düşünýän ýaly,
Göwnüň üçin bermese-de ses-selem.

Adam köpi görüp, ulalyp ýaşy,
Otuzdan aňyrrak geçip ugrasa.
Çagalygy kän küseýär ekeni,
Soňky günler kän bakýan bu surata.

Onuň bilen emedekläp,
ylgaşyp,
At çapyşyp, bolduk mydam hemşeri.
Ynha, täleýinden öýkelän ýaly,
Gyýarak bakyp dur, çala kemşerip.

Görnüp dur boýnunda medala meňzäp,
Sünnäläp işilen alaçajygy.
Ejesi görgüli syzandyr, belki,
Ony soň ykbalyň dalajagyny.

Gorasam diýendir bela-beterden,
Balasyna alaçany dakanda.
Emma, alajyň ýok, erkiňe bakman,
Boljak işler bolaýýa-da jahanda.

O döwürde wezipeli kişiler,
Söýerdi könäni ýepbeklemegi.
Bir gezek, «Tahýaňda doga bar» diýip,

Käýýäp aglatdylar mekdepde meni.

... Ulalaýsak urşa gideli diýşip,
Kän gezek çagakak, göwün ýüwürdip.
Soňra uruş söýgä ornuny berdi.
Ýaňagmyza örüp jahyl düwürtik.

Durmuşyň bardygy bilinmese-de,
Kitaplardan üzňe, mekdepden üzňe.
Dagap gitdik, soňky ekzamen güni,
Arzuwlarmyz hakda ýazdyk-da düzme.

Şükür, uruş-dawa bolmadyk emma,
Başga-da kän arzuwlarmyz paşmandy.
Bir ýyl soň, baharyň jeýhun mahaly,
Bir owadan ýyldyz süýndi asmanda.

Ine, indem janly ýaly bakyp dur,
Hemem kän zat ýatladyp dur geplemän...
Pul saklaýan düwünçekde ýygşyryp,
Bu suraty goýaýyn men eplemän.

**Goja güneşläp otyr**

Garran adam,
saly gowşak,
Zeýrenji kän,
göwün çökgün.
Ýykylman buşugyp gelse,
Gurp bar diýip öwünjekdir.

Bar gaýgysy üşemezlik,
Tapdan düşen hor alaşa.
Ýaman boljak goňşy-golam,
Gelip halyn soramasa.

Birmahallar onuň öýem,
Gol doly bir maşgalady.
Kem-kem sowuldy bazary,
Kempir ýurdun başgalady.

Geçmişini elek edip,
Ýatlamakdan ýadamaýar.
Ýatlamalar ýaşamaga,
Güýç berýändir adama ýa!

EŞEGE OT BERIŇ

Garrapdyr, arkasy ýagyr bolupdyr,
Mejaly ýok ýaly aňyrrmaga-da.
Janaweriň taby agyr bolupdyr,
Gidip bilenok ol aňyrraga-da.

Dogry, eşek at däl, owadan kişňäp,
Jylawyny çeýnäp, toprak peşemez.
Emma, göz öňümde, kiçiräjikkäk,
Gaty kän ot ýüklärdik biz eşege.

Indi birje gysym ot beriň oňa,
Garny dagy meňzäp barýar hepbige.
Peýdasy ýok diýip, harlamaň ony,
Başdan sowmaň, bolar-bolmaz gep bile.

Utanman diýýäňiz «Bizä-hä şonuň,
Asyl ugruna-da garamzok» diýip.
Eşegem Allanyň ýaradan zady,
Mojuk gep tapýaňyz haram zat diýip.

Atlaryň et üçin soýulýan döwri,
Bu eşegi «çüw» diýip, kän çapdyg-a.
Gysganmaň ahyry bir gysym oty
Janaweriň garny meňzeş gapjyga.

Beýik Serdara tagzym

Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow —
Bu at aýdym boldy bütin äleme.
Hiç haçan, hiç ýerde gabat gelmedi,
Onuň aşagy ýa dosty däle men.

Ony iliň-günüň hossary saýýar,
Arkadagy saýýar ony hemmeler.
Köpetdagy çeküw daşy etsegem,
Abraýyny ölçemäge kem geler.

Ýalta, bidöwleti ýazgary hem-de —
Psiledi ogryny, neşe satýany.
Ähli zyýankeşler aç-açan boldy,
Suw ýüzüne çykan hapa zat ýaly.

Küle çöken bagty oýanyp, Türkmen,
Her galýar bäş-alty gez belende.
Ýadyňyzdadyr-la,
niçik haldadyk,
Ýedi ýyl öň Garaşsyzlyk gelende?!

Durmuş derýasynda çaýkanýardyk biz,
Ykbal atly çagşan köne gämide.
Şonda gaýrat edip, girdapdan sowan,
Saparmyrat Ataýewiç dälmidi?!

Dogry, Alla oňa hemra bolýandyr,
Müşgil işlerinde berip teselli.
Ýöne, men bilemok,
näme sebäpli,
Kim berdikä ýürekdäki keselni?!

Belki,
bizdiris şol kesele sebäp,
Özümizem, özgänem kä aldadyp.
Aldaw bilen golaýlapdyk girdaba,
Ýadyňyzdadyr-la,
niçik haldaky?!

Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow —
Bu at aýdym boldy bütin äleme.
Hiç haçan hiç ýerde gabat gelmedim,
Onuň aşygy ýa dosty däle men.

**Garaşsyzlyga tagzym**

Men baky minnetdar Garaşsyzlyga,
Hemem ony beren Beýik Adama.
Isa ýaly direlseme ýaňadan,
Men olaryň waspyn edip ýadaman.

Onuň paýhasyndan nurlandy dünýä,
Ol hasam nurlanar soňky 1000 günde.
Her kim gez öser, buýsanjy bilen,
Türkmen gany akýan bolsa süňňünde.

Emma,
    agzybirlik,
            jebislik zerur,
Ine, Serdar şu pikir ündedi.
Dünýäň özem bir-birege söýenip...
Dogan bolup ýaşamaly dünýedir.

**Watan hakda sözläliň**

Ýaponlarda telewizor arzanmyş,
Atyrlaram arzanmyka Pereňde?!
Satyjylar nähilikä o ýerde,
Nädýälerkä artygrajyk bereňde?!

Hytaýda mahmallar bolmuka beýle,
Meksikada daglar beýik-pesmikä?!
...Ine, şeýle,
            üýşüp meýlis başynda.
Bähbit gözleýän kän,
            gaty sesli kän.

Zerurmyka hytaýlylaň mahmaly,
Zerurmyka anbar saçýan atyrlar?!
Bir zada düşüniň: özgäniň zady,
Özgeleri bal gününe batyrmaz.

Ine, men aýdaýyn Meksika hakda,
Daglary bar, howasy däl ýaramaz.
Paýtagty — Mehiko, owadan şäher,

Ilaty-da on millionla barabar.

Belkem, bu zatlary bilsek gowudyr,
Ýöne, gutaralyň soňsuz jedeli.
Gowusy, il hakda, Watanymyz hakda,
Gulaga ýakymly söhbet edeliň.

Näme, atyr gytmy Türkmenistanda?
Goý, gelse Pereňden köne meý gelsin!..
...Göter bada Türkmenbaşyň saglygna,
Ol sag bolsun,
Watanymyzam beýgelsin!

**Baýramçylyga sebäp kän...**

Çäksiz uly şatlyk dolduryp kalby,
Ähli gaýgy-aladany öçürdi.
Bir gyz ony tassyklady buýruksyz,
(Edaly ýylgyryp), hatsyz-möhürsiz.

Diýmek, men hiç kimden ogurlamadym,
Men bu kalbymdaky baýramçylygy.
Şol sebäpli, ýokuş degýär kä kişiň,
Hemme zada müňkür bolmak gyzygy.

Men äpet adam däl, emma ýüregim,
Bütin dünýäň giňligine barabar.
Ýöne, ýer ýok onda ogurlyk zada,
Ogurlyk zat sadaka-da ýaramaz.

Ýagşyny göremde, göwnüm açylýar,
Giňäp gidýär arzuwlarmyň örüsi.
Begendirýär meni, akylly gyzyň,
Gözelligi tämiz saklap ýörüşi.

Ýüreklde ýer goýmaň bolgusyz zada,
Ýaman zatdyr müňkür bolmak gylygy.
Hiç kimiň bagtyndan ogurlaman men,
Kalbymdaky beýik baýramçylygy.

BAHAR GELDI

Dünýäde baharyň demi duýulýar,
Ah, bahar gelendir, indi gelendir.
Bahar aýra düşen adaglym meniň,
Gelende kalbymy elendirendir.

Geläýse bor diýip, intizar bolup,
Düme duýgularmy taraşladym men,
Ýaýlamyzyň güllänini görjekdim,
Başga bähbit gözläp garaşmadym men.

Döw ýaly bulutlar, çakyşyp birden,
Zenzeläniň soňy ýagyşa sapdy.
Ýyldyrym çakýarka, düşen ýagtydan,
Men iliň görmedik zadyny tapdym.

Ýowşanly adyrlar suw-sil bolaýdy,
Ýogsam aňsat-aňsat ezilmezekdir.
Ýadygärlik ýaly sähra seredip,
Öz ýanymdan özüm heziller etdim.

Bahar — meniň könelmejek arzuwym,
Gargalaňam ýer almadyk gargyşy.
Bahar — öňde-soňda maza bermedik,
Ýaralarmyň täzelenen sargysy.

**Läle, sen uýamsyň...**

***L.Saparowa bagyşlaýaryn***

Bile doglup, dogan bolup bolanok,
Kä kişi dogany çalyşýar zada.
Läle, sen umsyň, dogandan eziz,
Hergiz gamlanamda, sen düşýäň ýada.

Başyňa iş düşse, uýaň çekişer,
Ýakynda bolsa-da görünmez dogan.
Uýaň — gamlanaňda göwünlik berer,
Şatkaňam keýpiňe dogramaz sogan.

Uýalaryň bir ýetmezi — naçardyr,
— dişiň agyrsa-da perýat ederler.
Sebäbini bilemok men, nämüçin,
Göwün hoşy — gyz diýdikä şejerler.

Wah, uýalar nirelerde bolsa-da,
Öýüňe öredir, çatmaňa çöwüş...
Erkim ýetse, käbir dostlarmy satyp,
Läle, uýam, saňa alardym köwüş.

SURNAÝ
Suraný meni ýörişlere çagyrma!
Kän başymda ownuk işdir-alada.
Göwnüm bölek bolup, çyksam o ýollar,
Ahmyr bilen dodagymy ýaladar.

Ýaşlaryň paýydyr ýolagçy bolmak,
Ýollarda gezeniň giňär göwrümi.
Men oňňut ederin ýatlap kä mahal,
Ýörişlere höwes eden döwrümi.

Men ögäň derdini paýlaşyp bilmen,
Bolup bilmen şatlygnyňam şärigi.
Ýadymdan çykardym ýeňmegiň hemem,
Kynçylyga döz gelmegiň tärini.

Çünki, ýel öwüsýär kalbymda meniň,
Tupan turýar hemem ýagýar boragan.
Emma, bähbit bolsun diýýän, sebäbi,
Türkmen ähli zady ýagşa ýoragan.

Agşamara daş işige çykaryn,
Ýörişden galybam tapmaryn karar.
Şonda Aý bolşumy birhili görüp,
Ýaşyp barýan çagy egninden garar.

Emma, hiç kim meniň halym soramaz,
Meniňem hiç zada nebsim agyrmaz.
Hiç kime dost däl men,

duşman däl indi,
Surnaý, meni ýörişlere çagyrma.

KÜÝSEG

Agşamara ot başyna egrilip,
Çopanlar çaýyny öňe alanda.
Ýaş oglan gürrüň tapýar warsaky,
Menem oňa gülen bolýan ýalandan.

Olar gürrüň edýär,
uçgurny bezäp,
Bir ýeňlesiň toýa barşy hakynda.
Gulagyny şaňlatdylar öňem kän,
Herki zady bes etmeli çakynda.

Oýa batanymda, asmana bakyp,
Bir ýyldyz göz gypýar, bakýar şadyýan.
Kerwengyranmyka, Zöhremikä ol,
Bilmeýärin, başgamyka ady ýa!

Bir owdan gyzy ýada salýar ol,
Boýy sanjak ýaly,
ýaňagy hally.
Dünýäde şol gyzyň barlygy üiçn,
Diňe şat günlerim ýadymda galdy.

Küýseginde geçýär bir meňzeş günler,
Bu günüm duşenbe, ertir sişenbe.
Has beter küseýän
deň-duş oglanlar:
Pylan hem öýlenýärmiş diýşende.

Bahym bahar sowlar,
tomusam geçer,
Guran çigitlerni döker sözenler.
Dowzaha düşse-de, perwaýsyz ýanar,
Bu dünýäde yşk oduna dözenler.

ÇAGALYK DÖWRÜMIZIŇ AÝDYMY

..Ýada düşýär alasarmyk düýş ýaly:
Men şol gün okuwdan galdym ýaraman.
A, siz täze aýdym öwrenipsiňiz,
Çal baraban, çal baraban, baraban!

Ýollarda garaşýan bagtymyz hakda,
Hem wepaly dost hakdady ol aýdym.
Saňa, maňa, hemmämize ýarady,
Ah, ol aýdym ýüreklere golaýdy.

Bir günem mugallym ýaňky aýdymy,
Sorap gördi okuwçylaň hersinden.
Şonda ýuwaş sesli aýdanym üçin,
2-lik aldym men aýdym dersinden.

Soň... alnan bahalar ýatdan çykyşdy,
Käbir ýoldaşlarym çykdy aradan.
Emma, şol aýdymy ýatlaýaryn men,
Söhbet etsek çagalygmyz barada.

Aýdym mugallymy çöňňedi, dostum,
Nämä gerek gürrüň etmek o hakda.
Biz ony däl, şol aýdymy ýatlarys,
Heran-haçan nirelerde bolsak-da.

Çagalygmyň şol aýdymyn aýdaryn,
Orta ýaşa ýetenligme garaman.
Aýdym baha üçin aýdylýan däldir,
Çal baraban, çal baraban, baraban!

APREL

Ozaldan zandyma gulandyr, belki,
Bahar gelse, gülleriniň şeýdasy.
Sähradan selme däl, bägül gözleýän,
Eklenjime bolmasa-da peýdasy.

Uzaklarda sanjak boýly sözenler,
«Geleý» diýip, gollaryny bulady.

Kaknus guşy ýaly eziz göründi,
Şol tarapa uçup barýan gulaty.

Belki, gowy bordy, obada bolsam,
Il deňinde suw tutardym mellegme.
Wah, ýöne bu bahar çeniň-çakyň däl,
Sowulýança başga işe el degmez.

Bu ýerlerde hiç zat ýitirmesemem,
Bahar gelse, gidýän ýene gözlege.
Gözetime ýetip üzülýän ýollar,
Meňzeş eken soňlanmadyk sözleme.

Hany, indi bir tüňçe çaý içeýin,
Çöläýin-de goltuk-goltuk jagrama.
Üýtgeşik gül gözläp, ýadadym biraz,
Ýokdy ýogsam, arzuwlarmyň agramy.

Ozaldan zandyma guýlandyr, belki,
Bahar gelse, gülleriniň şeýdasy.
Hiç haçan solmajak gül gözleýän men,
Eklenjime bolmasa-da peýdasy.